**1-nji tema. “Syýasaty öwreniş” okuw kursunyň predmeti we jemgyýetdäki roly.**
2 sagat

**M e ý i l n a m a :**

1. Syýasy pikiriň döreýişi we ösüş etaplary.

2. Syýasy ylmyň gurluşy.

3. Syýasaty öwreniş (politologiýa)-syýasat hakyndaky ylym hökmünde.

4. Syýasaty öwreniş dersiniň düzümi we kategoriýalary.

**E d e b i ý a t :**


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap.-A., 2009 ý.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy.-Aşgabat, 2007 ý.
3. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama.- Aşgabat, 2001 ý.
4. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap).- Aşgabat, 2004 ý.
5. Политология. (Авторефераты). – М., 1998 г.
6. Основы политологии – М., 1992 г.
7. Истории политических и правовых учений – М., 1998 г.
8. Политическая социология.(Для студентов вузов) – Ростов н/Д., 1997 г.
9. Политология. Экзамениционные ответы – М., 2004 г.
10. Белов Г.А. Политология: Курс лекций – М., 1996 г.
11. Политология. Курс лекций. Издание третье, преработанное и дополненное // под ред. М.Н.Марченко – М., 199 г.
12. Политология: Энциклопедический словарь – М., 1993 г.

*“Syýasat”* sözi latyn dilinden terjime edilende *“jemgyýetçilik,döwlet işleri”* ýa-da *“jemgyýeti we döwleti dolandyrmagyň sungaty”* diýmekligi aňladýar. Syýasat hakynda ylym häzirki zamanda jemgyýetçilik, gumanitar ylymlaryň iň möhümleriniň biri bolup durýar. Entek gadymy döwürlerde döwletiň, jemgyýetiň we syýasatyň many-mazmunyna düşünjek bolup edilen synanyşyklar başlapdyr.

Syýasat, döwlet, jemgyýet hakyndaky ilkinji garaýyşlar dini-mifologik garaýyşlardan ybarat bolupdyr. Ilkibaşda gadymy halklaryň hemmesi häkimiýete, jemgyýetçilik-syýasy düzgünlere hudaý tarapyn emele gelen hadysalar diýip düşünipdirler. Muňa biziň eramyzdan öňki II-I müňýyllyklardan saklanyp galan taryhy çeşmeler hem şaýatlyk edýär.

Takmynan I müňýyllygyň ortalaryndan başlap, syýasaty öwrenmegiň ilkinji, ýagny akyl ýetiriş barlaglara daýanýan görnüşi ýüze çykaryp ugraýar. Syýasy derejeler, düşünjeler, soňra bolsa konsepsiýalar peýda bolýar. Bu teoritiki pikirler filosofik-etiki görnüşinde beýan edilipdir. Syýasaty öwrenişiň emele gelişiniň bu etapy gadymyýetiň beýik akyldary *Konfusiniň* (b.e.öňki 551-479 ý) ady bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Gadymy hytaý akyldary Konfusiniň döwlet, jemgyýet hakyndaky syýasy garaýyşlary adalatlylyga esaslanýar. *Lao-szy* (b.e.öňki VI-V a.) daosizmi esaslandyran akyldar hökmünde jemgyýete kanunylygyň deň derejede höküm sürmekligini ündäpdir.

Gadymy grek syýasy işgäri *Perikl* (b.e.öňki 490-429 ý) Afiny demokratlaryna baştutanlyk edipdir. Biziň eramyzdan öňki 443-nji ýyldan bolsa Afiny döwletiniň başyna geçýär. Perikliň daşary syýasaty Afiny deňiz döwletini giňeltmeklige gönükdirilipdir, jemgyýetde wezipeli adamlar işe saýlananlarynda bije atmak bilen çalşyrmak düzgünini girizipdir. Gadymy grek akyldary *Platon* (b.e.öňki 427-347 ý) Afiny şäherinde ýaşapdyr, ilkinji döwlet Akademiýasyny esaslandyrypdyr. B.e.öňki 407-nji ýylda Sokrat bilen tanyşypdyr hem-de onuň ýakyn şägirdi bolupdyr. Platonyň syýasy garaýyşlary *“Döwlet”, “Kanunlar”* atly işlerinde beýan edilýär. Platon b.e.öňki 387-nji ýylda şahsy filosofiýa mekdebini hem döredipdir. Ol döwlet dolandyryşynyň iň kämil nusgasy diýip *aristokratiýany ( garyşyk dolandyryş)* hasap edipdir. “Kanun” atly işinde bolsa, ol döwleti filosoflar dolandyrýar diýip nygtapdyr.

Dünýä meşhur akyldar *Aristoteliň* (b.e.öňki 384-322 ýý) *“Syýasat”, “Etika”* diýen eserlerinde döwlet hakynda syýasy garaýyşlar, taglymatlar özüniň köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Aristotel syýasy häkimiýeti diňe öz nebsi üçin peýdalanmak mümkinçiligi aradan aýyrylan we häkimiýetiň bütin jemgyýete hyzmat edýän halatynda häkimiýet – hakyky döwlet häkimiýetidir diýip hasaplapdyr. Ol syýasy ylma adamyň, döwletiň abadançylygy hakyndaky, iň gowy döwlet gurluşy barasyndaky ylym hökmünde etikadan we filosofiýadan kän bir aratapawudyny ýüze çykaryp bilmändirler.

Şeýle çylşyrymly wezipäni amala aşyrmak XVI asyrda Italiýadan syýasaty öwreniji alymy, görnükli döwlet we jemgyýetçilik işgäri *Nikkolo Makiawella* (1469-1527) başartdy. Uzak wagtlap ol Florensiýa respublikasynyň wezipeli adamsy bolupdyr. Florensiýa respublikasy synandan soň Makiawelli bir ýyl sürgün edilipdir, soňra bolsa döwlet, syýasy işlerden çetleşdirilipdir. Günbatar Galkynyş

eýýamynyň görnűkli wekili hasaplanýan Makiawelli *“Hökűdar”, “Tit Liwiniň ilkinji dekadasy hakynda oýlanmalar”, “Harby sungat hakynda”, “Florensiýanyň taryhy”* atly çuňňur syýasy garaýyşly eserleri bilen meşhurdyr. Ol öz eserlerinde syýasaty öwreniş ylmyny dini ideýalardan, garaýyşlardan arassalady, syýasy proseslere tebigy hadysa hökműnde garap başlady, döwlet häkimiýetini syýasy barlaglaryň esasy meselesi edip goýdy. Makiawelli “Döwlet ahlaksyzlygyň hasabyna saklanyp biler, emma adalatsyzlygyň esasynda ol dargamak bilen bolar” diýip, parasatly nygtapdyr. Şunlukda, syýasy ylmy döretmekde öňe uly ädimler ädildi. Syýasy we hukuk taglymatlaryň taryhynda *Džon Lokk* (1632-1704) uly orun tutýar. Ol *“Döwlet dolandyrylyşy hakynda iki traktat”* diýen eseri arkaly hukuk döwletiniň meşhur ideology bolýar. Döwlet, Lokkyň pikiriçe, öz dolandyryşynda kanunylyga, häkimiýetleriň sazlaşyklylygyna esaslanmalydyr.

ABŞ-nyň görnűkli döwlet we syýasy işgäri, ýurduň Garaşsyzlyk hakyndaky Deklarasiýasynyň awtory *Tomas Džeffersonyň* (1743-1826) syýasy hukuk ylymlarynyň ösmegine goşan goşandy çäksizdir. Ýurduň özbaşdaklygynyň gazanylmagynyň gözbaşynda duran bu syýasy, jemgyýetçilik işgär döwlet dolandyryşynyň ähli esaslaryny ilkinji bolup ýola goýupdyr. “Garaşsyzlyk deklarasiýasynda” ähli adamlar deň ýaradylandyr we halkyň zalymlary agdarmaga hem-de özűniň hökűmetini döretmäge hukugy bardyr diýlip bellenilýär. Şunlukda, halk “Häkimiýetiniň çeşmesi” diýlip yglan edilýär. T.Džeffersonyň ýolbaşçylygynda 1787-nji ýylda ABŞ-nyň ilkinji kämil Konstitusiýasy hem kabul edilýär. Syýasaty öwreniş ylmynda nemes akyldary *Maks Weberiň* (1864-1920) hem bitiren hyzmatlary uludyr. Onuň *“Hojalyk we jemgyýet”, “Syýasat jemgyýetiň esasy hökműnde”* atly eserlerinde döwlet syýasaty täze derejä cykarýarlar.

Syýasaty öwreniş ylmynyň kemala gelmegi, beýleki ylymlaryň döreýşi ýaly, iňňän köp wagty öz içine alyp, belli-belli döwűrler bilen bagly bolýar. Meşhur amerikan syýasaty öwrenijileriň dűşűndirişine görä, syýasaty öwreniş ylmynyň döreýşi űç döwri öz içine alýar:

*Birinji döwűr* –gadym zamanlardan Amerikanyň raýatlyk urşuna (1861-1865) çenli wagty öz içine alýar. Bu dower syýasaty öwrenişiň filosofik stadiýasy diýilýär.

*Ikinji döwűr* – Amerikanyň raýatlyk urşundan Ikinji jahan urşy aralygy döwri öz içine alýar. Bu döwre syýasaty öwrenişiň syýasy tejribeleri toplaýan, öwrenýän ýa-da başgaça empriki döwri diýilýär.

*Űçűnji döwűr* – Ikinji jahan urşundan biziň häzirki gűnlerimize çenli aralygy öz içine alýär. Bu dower toplanan tejribäni we teoritik (nazary) bilimleri tankydy esasda analizleýän, çuňlaşdyrýan stadiýa diýilýär.

Bu döwre bölmeklik belli bir derejede amerikan alymlarynyň tejribeleri esasynda berilse-de, onuň ähmiýeti örän uludyr. Syýasaty öwreniş ylmynyň häzirki derejesi XIX asyryň II ýarymynda kemala geldi. Bu ösűş, umuman, ylmy progresiň, hususan-da, jemgyýetçilik bilimleriniň gazanan űstűnlikleri netijesinde műmkin boldy. Hut şol döwűrde hem syýasy bilim özbaşdak akademiki sapak hökműnde dűnýä ýurtlarynda okadylyp başlandy. 1857-nji ýylda ABŞ-nyň

Kolumbiýa kolležinde *“Taryh we syýasy ylymlar”* kafedrasy döredilýär. 1880-nji ýylda şol kolležiň binýadynda syýasy bilimleri berýän ilkinji okuw mekdepleri açylýar. 1903-nji ýylda bolsa *syýasy bilimleriň Amerikan assosiasiýasy* döredilýär.

Syýasaty öwreniş ylmy syýasatyň raýat bilen jemgyýetiň aragatnaşygy hakyndaky ylymdyr. Syýasaty öwrenişi ylym hökmünde üç sany kanuna laýyk toparyna bölýärler:

Birinji topar *syýasy-ykdysady* kanunalaýyklyklardyr. Bu ykdysadyýet bilen syýasy häkimiýetiň arabaglanşygyny görkezýär, olaryň biri-birine nähili täsir edýänligini suratlandyrýar. Şunda iňňän möhüm mesele ykdysadyýetiň syýasaty kesgitlenýänligi hakyndaky meseledir. Syýasy häkimiýeti, dogrudanam ykdysadyýet kesgitleýär. Ykdysady bähbitler syýasy hereketleriň esasy sebäbi bolup durýar. Şonuň üçinem syýasy garşylyklaryň, syýasy özgerişleriň sebäbini ilki bilen ykdysady gatnaşyklardan gözlemelidir. Ýöne şunuň bilen birlikde syýasy häkimiýetiň özbaşdaklygyny, onuň hem öz nobatynda ykdysady proseslere güýçli täsir edýänligini ýatdan çykarmaly däldir.

Ikinji topar *sosial-syýasy* kanunalaýyklyklardyr. Bular syýasy häkimiýeti aýratyn bir sosial sistema hökmünde häsiýetlendirýärler. Syýasy häkimiýetiň sosial sistemasynyň esasy kanunalaýyklygy jemgyýetde durnuklylygy (stabilligi) saklamakdyr. Bu kanunalaýyklygyň talaplary dürli sosial sistemalarda dürli usullar, serişdeler arkaly amala aşyrylýar. Meselem, awtoritar sistema durnuklylygy saklamak üçin häkimiýeti mümkin bolan ýokary derejede merkezleşdirýär, zorluk etmegi giňden peýdalanýar. Munuň tersine, demokratik sistema häkimiýeti kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetlerine bölmegi ündeýär, jemgyýet bilen syýasy häkimiýetiň umumy bähbitlerini, ylalaşygyny gözleýär.

Üçünji topar – *syýasy-psihologik* kanunalaýyklyklardyr. Bular şahsyýet bilen häkimiýetiň aragatnaşygyny suratlandyrýar. Şu kanunalaýyklyklaryň içinde syýasy lideriň haýsy ýollar bilen we nädip häkimiýeti öz eline alşy we saklaýşy baradaky kanunalaýyklyk örän ähmiýetlidir. Sebäbi, ol syýasy lideriň bitiren işiniň esasy gymmatyny, ähmiýetini görkezýär.

Syýasatyň esasy wezipeleri: *häkimlik, paýlaýjylyk we dolandyryjylykdyr.* Syýasaty öwreniş dersini öwrenýänler üçin onuň derejeleri bilen tanyşmagyň ähmiýeti uludyr. Ol derejeler, ylmy düşünjeleriň sistemasyny syýasy häkimiýetiň dürli taraplaryny, gatnaşyklaryny açyp görkezýär. Şonuň üçin hem onuň derejeleriniň içinde iň esasy *“Syýasy häkimiýet”* derejesidir. Ol dürli syýasy institutlaryň aragatnaşyklaryny häsiýetlendirýär. Syýasaty öwreniş dersiniň beýleki derejeleri şu esasy ylmy düşünjäniň ol ýa-da beýleki tarapalaryny görkezýärler. Meselem, “syýasy proses” ylmy düşünjesi jemgyýetde hereket edýän sosial subýektleriň, ýagny dürli edaralaryň, guramalaryň olaryň işgärleriniň işlerini syýasy häkimiýetiniň emele gelşini, ösüşini we peýdalanyşyny görkezýär.

Beýleki derejeler hem şeýle häsiýetlidir. Ynha *“Syýasy sosializasiýa”* diýen ylmy düşünjäni alyp göreliň. Bu hem jemgyýetde syýasy häkimiýetiň goldaýan normalaryny we gymmatlyklaryny şahsyýetiň bul edişini, özleşdirişini

analiz edýär, düşündirýär. “Döwlet” diýen düşünjäniň mazmuny syýasy häkimiýetiň esasy instituty hökmünde ýüze çykýar.

Syýasaty öwreniş syýasy häkimiýeti öwrenende köp metodlardan peýdalanýar. Olaryň iň ähmiýetli hem-de has köp ulanylýan metodlaryny üç topara bölýärler.

Birinji topara syýasaty öwrenmegiň *umumy metody* girýär. Olaryň içinde has ýörgünlisi *sosiologik metoddyr*. Ol syýasy häkimiýetiň, syýasy hadysalaryň jemgyýetde, ykdysady gatnaşyklara baglydygyny beýan edýär. Bu metody marksizm we beýleki sosiologik konsepsiýalar giňden peýdalanýar.

Syýasaty öwrenijileriň köp ulanýan ýene bir metodyna *funksional metod* diýilýär. Ol syýasy hadysalaryň biri-birine bolan garaşlylygyny öwrenýär. Meselem, jemgyýetiň ykdysady ösüş derejesi bilen onuň syýasy gurluşynyň, syýasy partiýalar bilen saýlaw sistemasynyň we şuňa meňzeş başga syýasy hadysalaryň arasyndaky garşylygy görkezýär. Funksional metodyň ösen, baýlaşan häzirki derejesine *bihewioristik metod* diýilýär. Bu metod syýasy hadysalary analiz edende tebigy bilimleriň we konkret sosiologiýanyň metodlaryndan peýdalanýar. Belli bir syýasy şertlerde şahslaryň we toparlaryň özüni alyp baryşlaryny takyk ylmy barlaglar esasynda öwrenýär.

*Tankydy-dialektika metody* syýasaty öwrenijileriň peýdalanýan möhüm metodlarynyň biri bolup durýar. Ol jemgyýetde bolup geçýän sosial hadysalary tankydy ýol arkaly öwrenmegi, syýasy özgerişleriň esasy sebäbi bolan garşylyklaryň giň manysyny açyp görkezmegi talap edýär. Bu metody marksistler, çepçi radikallar, sosial-demokratlar we beýleki ideýa-syýasy akymlaryň tarapdarlarynyň birentegi giňden ulanýardylar.

Häzirki zaman syýasat öwreniş ylmynda iňňän köp ulanylýan ýene bir metoda *deňeşdirme metody* diýilýär. Bu bir tipli syýasy hadysalary, meselem, syýasy sistemalary, partiýalary, beýelki syýasy institutlary deňeşdirip, olary mahsus umumy sypatlary, özboluşlylygyny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär, netijeli syýasy formany seçip almaga, syýasy wezipeleri çözmegiň amatly usullaryny tapmaga, beýleki dünýä ýurtlarynyň, halklaryň toplan syýasy tejribelerinden döredijilikli peýdalanmaga kömek edýär.

Syýasaty öwreniş ylymynda umumy metodlaryň başga görnüşleri hem bar. Mysal üçin, antropologik, psihologik, taryhy we başgalar. Häzirki wagtda olardan peýdalanýan taryhy öwrenijiler az däl.

Syýasy gatnaşyklary öwrenmekde ulanylýan metodlaryň ilkinji topary barada durup geçeliň. Bulara analiz we sintez, induksiýa we deduksiýa, abstrakt we akyl ýetiriş usuly, modelleşdirmek, matematika, kibernetika we başga şulara meňzeş metodlar girýär. Bular hakda aýratyn gürrüň edip oturmagyň hajaty ýok, sebäbi olar diňe syýasaty öwreniş dersiniň metodlary däldir, eýsem ylymlaryň umumy metodlarydyr.

Syýasaty öwreniş dersinde ulanylýan metodlaryň üçünji topary *empirik-sosiologik metodlardyr*. Olar konkret sosiologiýadan, kibernetikadan we başga ylymlardan alnan metodlardyr. Özlerem tejribe maglumatlaryny ýygnamak bilen baglydyr. Bulara statistika maglumatlaryň peýdalanylyşy, dürli dokumentleriň analiz edilişi, anketalar arkaly sorag-jogap geçirilişi, laboratoriýa tejribeleriň

guralyşy we başgalar girýärler. Görnüp durşy ýaly, syýasaty öwreniş dersi bu metodlary işjeň ulanylýan hem bolsa, olar onuň özboluşlylygyny görkezýän metodlar däldir.

Syýasaty öwreniş dersiniň ylym hökmünde aýratynlygyny onuň jemgyýetde tutýan roly we funksiýasy kesgitlenýär. Bu funksiýalaryň ýerine ýetirýän wezipelerini bilmezden syýasaty öwreniş ylmyna düşünip we ony özleşdirip bolmaýar.

Şol funksiýalaryň ilkinjisine *akyl ýetiriş funksiýasy* diýilýär. Bu funksiýa syýasy durmuşdaky gatnaşyklary we kanunalaýyklyklary dogry analizlemäge we şu esasda syýasy hadysalaryň mazmunyna çuňňur düşünmäge hem-de syýasy çaklamalar bermäge kömek edýär.

Syýasaty öwreniş dersiniň ýene bir funksiýasyna *baha beriş funksiýasy* diýilýär. Munuň hem ähmiýeti uludyr. Ol syýasy gurluşlara, institutlara, dürli-dürli syýasy wakalara, aýry-aýry şahalara baha berýär. Munuň özi jemgyýetde ýaşaýan raýatlara, häkimiýet organlarynda işleýän şahslara gaty uly täsir edýär, olaryň öz hereketlerinde ägä bolmaklaryna hemaýat berýär.

Syýasaty öwreniş dersiniň indiki funksiýasyna *syýasy sosializasiýa funksiýasy* diýilýär. Bu adamlara syýasy terbiýe bermek bilen baglydyr. Demokratik döwletlerde şu funksiýa iňňän giňden peýdalanylýar, özem oňat netijeler berýär. Ol hususan-da raýatlygy terbiýelemek, ilatyň syýasy medeniýetini kemala getirmek bilen meşgullanýar. Munuň örän uly ähmiýeti bardyr. Çünki, bu ägirt uly iş adamlara syýasy aň-düşünje bermek bilen çäklenmeýär, eýsem olaryň syýasy taýdan özüni alyp baryşlaryna hem uly täsir edýär, kanunlara hormat goýmagy öwredýär.

Syýasaty öwreniş dersi *jemgyýetiň syýasy gurluşyny kämilleşdirmek funksiýasyny* hem ýerine ýetirýär. Umuman aýdanyňda, bu ylym syýasy gurluşyň, syýasy reformalaryň we özgerişleriň teoritik esaslary bolup durýar. Könelişen syýasy edaralaryň çalşyrylmagyny, täze syýasy institutlary döretmegi öwredýär, garşylyklary, konfliktleri parahatçylyk bilen çözmegiň ýollaryny salgy berýär.

Syýasatyň *subýekti* we *obýekti* hem bolýar. *Syýasatyň subýekti* eýäni görkezýär – syýasy durmuşa akyl ýetirýän adam syýasaty öwreniş ylmynda subýekt bolup çykyş edýär. *Syýasatyň obýekti* hökmünde syýasy wakalar, hadysalar hereket edýärler. Häzirki zaman syýasaty öwreniş dersiniň birentek ideýalary, düzgünleri syýasy pikiriň bütin dünýäde gazanan üstünlikleri esasynda umumy adamzat gymmatlyklaryna öwrülip barýar. Bu üstinlikleri mundan hem ýokary derejä götermek üçin geçmişde toplanan syýasy pikirleri, syýasy ylmyň halkara masştabynda gazananlaryny öwrenmegiň ähmiýeti iňňän uludyr.

"Syýasaty öwreniş" okuw dersi jemgyýetçilik dersleriniň we ylymlarynyň hemmesi: taryh, hukugy öwreniş, sosiologiýa, ykdysady teoriýa, filosofiýa, syýasy antropologiýa, dünýä ykdysadyýeti, ekologiýa, pedagogika, psihologiýa, etika, estetika ýaly ylymlar bilen aýrylmaz baglanşyklydyr we bu okuw dersleri, jemgyýetçilik ylymlary bilen baglanyşykda öwrenilýär.

**2-nji tema. Syýasy häkimiýet, onuň komponentleri we amala aşyrylyşy.**
4 sagat

**M e ý i l n a m a :**

1. Syýasy häkimiýet dűşűnjesi.

2. Syýasy häkimiýetiň dűzűmi we gurluşy.

3. Syýasy häkimiýetiň funksiýalary.

4. Saýlaw düşünjesi.

5. Syýasy liderlik problemasy.

**E d e b i ý a t :**


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösűşiň täze belentliklerine tarap.-A. 2009ý.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy.-Aşgabat, 2007 ý.
3. Tűrkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow (Gysgaça terjimehal). – Aşgabat, 2007 ý.
4. Saparmyrat Tűrkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, 2001.
5. Saparmyrat Tűrkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap). – Aşgabat, 2004.
6. Политология. (Авторефераты). – М., 1998 г.
7. Основы политологии – М., 1992 г.
8. Истории политических и правовых учений – М., 1998 г.
9. Политическая социология.(Для студентов вузов) – Ростов н/Д., 1997 г.
10. Политология. Экзаменицонные ответы – М., 2004 г.

*Häkimiýet* syýasy durmuşy dolandyrmagyň we edara etmegiň gözbaşy hasaplanýar. Etimologiýasy boýunça ol özüniň jemgyýetde ýüze çykýan sosial hadysalar bilen baglanyşýar. Häkimiýetsiz syýasy durmuşy, jemgyýeti we ýaşaýşy göz öňüne getirmek asla mümkin däldir. Eger syýasy häkimiýet bolmadyk bolsa, onda üznüksiz gapma-garşylyklaryň we göreşleriň netijesinde jemgyýet heläk bolardy. Aslynda *"häkimiýet"* sözüniň düýp manysy-da haýsy hem bolsa bir adamyň ýa-da toparyň başga bir adama, topara ýolbaşçylyk etmegidir, has dogrusy, olaryň üstünden agalyk etmegidir. Şu manyda alnanda, *"Häkimiýet"* sözüniň *Hököm* düşünjesi bilen hem arabaglanyşygy duýulýar. Sebäbi, agalyk edýän tarap özüniň tabynlygyndaky tarapa belli bir tabşyryklary ýerine ýetirmekligi höküm edip bilýär. Jemgyýet dolandyrylýan häkimiýetiň esasynda ýaşaýar. Görşümiz ýaly, häkimlik etmekligiň esasy şerti onuň bir tarapyndan tabşyryk berýän, ýumuş buýurýan (höküm edýän) tarap, beýleki bir tarapynda bolsa şol tabşyryklary ýerine ýetirmäge borçly taraplar bolmaly. Şeýle serişdeleriň hataryna agalyk edýän tarapyň tabynlykdaky tarapy zorluk bilen mejbur etmeklige bolan mümkinçiligi hem girýär.

*Syýasy häkimiýet* – munuň özi şahsyýetiň, partiýanyň, aýry-aýry toparlaryň döwletiň öz erk-isleglerini amala aşyrmak üçin abraýyň, hukugyň, zorlugyň we beýleki serişdeleriň üsti bilen adamlaryň işine, gylyk-häsiýetine kesgitli täsir etmegiň hakyky ukybydyr we mümkinçiligidir. Syýasy häkimiýet jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň we adamlaryň işiniň dürli usullarynda: agalyk, ýolbaşçylyk, dolandyryjy gurama, gözegçilik görnüşinde ýüze çykýar. Syýasy häkimiýet öz öňünde goýan maksatlaryna ýetmek üçin beýlekileriň garşysyna öz erkini ulanmagyň mümkinçilikleri hökmünde dürli metodlardan netijeli peýdalanmagy öňe sürýär.

Syýasy häkimiýeti durmuşa geçirmegiň mehanizmi diýlip, häkimlik etmegiň dürli usullaryna we serişdelerine aýdylýar. Syýasy häkimiýetiň gurluşy şu tertipde jemlenýär:

*Häkimiýeti ele almagyň çeşmeleri:*

1) *Syýasy awtoritet* – munda häkimiýet ugrynda göreşiji özüniň şyýasy abraýy, mertebesi bilen häkimiýeti ele almaklyga synanyşýar.

2) *Güýç ulanmak* – häkimiýeti zorluk bilen basyp almaga synanyşýar. Munuň soňy köplenç terrorçylyga alyp barýar.

3) *Bähbitler* – özüniň şahsy niýeti, maksady, matlaby bilen syýasy häkimiýeti eýelemeklige dyrjaşýar.

4)*Ynandyrmak* – jemgyýete syýasy häkimiýeti ele almaklygyň iň ygtybarly ýoludyr.

*Häkimiýetiň obýektleri* hökmünde *indiwid* – ol aýratynlykda alnan adam bolup, ol syýasy häkimiýeti oriýentirleýär, sosial toparlar hem-de synplar çykyş edýär.

*Häkimiýetiň subýektlerine* döwlet, syýasy institutlar, syýasy liderler, syýasy elita we syýasy partiýalar, *häkimiýetiň funksiýalaryna* (wezipelerine) bolsa hökümdarlyk etmek, berk gözegçilik, guramaçylyk işleri hem-de işiň netijeliligi degişlidir.

Häkimiýet ugrunda göreş her bir hukuk döwletiniň berkarar bolmagynyň we ösmeginiň ähli stadiýalarynda syýasy durmuşyň adaty ýagdaýydyr. Bu göreş syýasy durmuşyň esasy subýektleriniň göreşiň maksatlaryna tarap siwilizlenen ýol arkaly barýan göreşdir. Syýasy häkimiýet subýekt *(döwlet)* bilen obýektleriň *(raýat)* arasyndaky gatnaşyklardyr. Jemgyýetçilik durmuşynda esasy orun syýasy häkimiýete degişlidir. Adamzadyň durmuşynda häkimiýetiň dürli görnüşleriniň peýda bolmagy jemgyýetde döwletiň döremegi bilen baglanyşdyrýar. Bu, hakykatdan-da, şeýledir. Sebäbi islendik jemgyýet bähbitleri (islegleri) biri-birleriniňkiden tapawutly toparlardan ybaratdyr. Jemgyýeti düzýän dürli toparlaryň bähbitlerini sazlaşdyrmak, olaryň özara agzybirligini üpjün etmek, adamlary belli bir maksada gönükdirmek ýaly meseleleri çözmek üçin haýsy-da bolsa bir toparyň ýa-da şahsyýetiň jemgyýete ýolbaşçylyk etmekligi zerur, jemgyýetiň bolsa, öz gezeginde, bu topara ýa-da şahsyýete tabyn bolmagy zerur. Jemgyýete umumy ýolbaşçylyk edýän, ony birleşdirýän, düzgünleşdirýän häkimiýete *syýasy häkimiýet* diýilýär.

Syýasy häkimiýet bu ýerde bir subýektiň döwlet gurallaryny ulanyp öz erkini toparlara, köpçülige, guramalara, adamlara dakmaklyk başarnygy bolýar. Syýasy häkimiýet döwletiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleriniň üsti bilen amal edilýär. Bir subýektiň başga birine kesgitli täsir edip bilmeklik başarnygy dürli serişdelere: gorka, bähbide, ynanja, adata, kanuna, däbe we başga. esaslanyp biler. Syýasy häkimiýeti amal etmeklik adam köpçüliginiň bähbitlerini kanagatlandyrmaklygy göz öňünde tutup döwlet edaralaryna daýanýar.

*Saýlawlar* syýasy prosesde häzirkizaman syýasatynyň möhüm düzüm bölegidir. Olar raýatlaryň kesgitli düzgünleri boýunça we dolandyryş guramalarynyň kemala getirilmeginiň usulyny häsiýetlendirýär. Saýlawlaryň netijesinde saýlawda üstün çykan dalaşgärlere *häkimiýet ygtyýarlyklary* berilýär. Saýlawlar elmydama ses berme bilen berk baglanşyklydyr. Ähliumumy geçirilýän saýlawlara her bir raýatyň gatnaşmaklygy we ses bermekligi göz öňünde tutylýar.

*Saýlawlar* – dürli syýasy institutlara we dolandyryş derejesinde parlamente, prezidente wekilçilikleýin, köplenç, ýerine ýetiriji organlaryň syýasy prosese häkimiýetiň ýerli guramalara ýaýrandygy sebäpli, syýasy we jemgyýetçilik durmuşda giňden ýaýran syýasy hadysadyr. Saýlawlaryň köpdürlüligi raýatlaryň öňünde syýasy öňdebaryjylyk görkezmek, döwlet we jemgyýetçilik işlerine täsir etmek syýasy proses üçin ýeterlik giň mümkinçilikleri açyp goýýar.Saýlaw döwründe raýatlaryň öz bähbitlerini bilmekligi, göz ýetirmekligi olaryň syýasy partiýalaryň we deputatlaryň saýlaw maksatnamalaryna goşulmaklaryna amatly şertleri döredýär.

Syýasat toparlaryň, adamlaryň, guramalaryň durmuşy saýlawynyň gurşawy bolup ahlak bilen jebis baglanyşykda bolýar. Arzuw edilýän geljegiň

taslamalaryny saýlamaklyk, ol ýa-da beýleki çäkli maksatlaryň ähmiýetliligi adamyň, toparyň ýagşy we ýaman, adalatlylyk we adalatsyzlyk baradaky ahlak oýlanmalaryna esaslanýar.

Ahlak we syýasat jemgyýetçilik durmuşyny irki sosial dolandyryş görnüşlerine degişli bolýarlar. Olary ýakynlaşdyrýan zat ikisiniň hem sosial saýlaw gurşagyna degişli bolýandyklary we şonuň üçin ýeterlikli derejedäki hereketliligi we üýtgeýänligi bolýar. Olaryň manysy köp zatlar: taryhy we sosial-medeniýetden başlap subýektiw göz öňüne getirmeler hem-de hatda tötänliklere çenli zatlaryň täsirine baglydyr.

Ondan başga-da ahlak we syýasat adamlaryň ýaşaýyş hereketlerini sazlaşdyryjy kada-düzgünler hem bolýar. Adamlaryň özüni alyp baryş hereketi ähli adamlar üçin hökmany bolan ahlak we syýasy-hukuk kadalarynyň (umumy düzgünler, ýokary nusgalyklar, öziňi alyp barmaklygyň nusgalary) üsti bilen sazlaşdyrylýar. Ýöne, ahlak we syýasy kadalar biri-birinden kesgitleniş usullary we amal ediliş serişdeleri boýunça hem tapawutlanýar.

Ahlak kadalary, mysal üçin, jemgyýetde adamlaryň ýagşy we ýaman, wyždan, adalatlylyk düşünjeleriniň esasynda kemala gelýärler. Jemgyýetiň agzalarynyň köpüsiniň aňlamaklary we kabul etmekleri bilen olar hökmany ähmiýete eýe bolýarlar. Syýasy we hukuk kadalary döwlet tarapyndan kesgitlenip, köplenç kanunlarda öz beýanyny tapýarlar, olaryň çap edilmegi bilen bu kadalar hökmanylyga eýe bolýarlar. Syýasy-hukuk kadalary diňe ösen raýat jemgyýetinde adamlaryň olaryň adalatlylygyna düşünmekleri bilen meýletin ýerine ýetirilip bilner. Ýöne döwlet olaryň ýerine ýetirilmegi üçin mejbur ediji çäreleri hem ulanyp bilýär. Görşümiz ýaly, ahlak bilen syýasatyň gatnaşygy çylşyrymlydyr.

Häkimiýet barada gürrüň edilende bolsa häkimiýetleriň bölünişigi meselesi aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Bu meseläni ilkinji gezek iňlis alymy *Džon Lokk* çözmeklige çalyşýar. Ol ýokary häkimligi kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we federal häkimiýetlere bölmek barada pikiri öňe sürýär. Kanun çykaryjy wezipäni, onuň aýtmagyna görä, parlament, ýerine ýetiriji – harby güýçler we kazyýet, federal – karol we minstrler amala aşyrmaly. Džon Lokk bu ýerde konstitusion režimli nazary taglymat barada gürrüň edýär.

Džon Lokk adamyň tebigy hukugy hökmünde onuň erkinligini we zähmet esasynda gazanylan emlägine bolan hukugyny kesgitleýär. Ol özüniň “Döwlet dolandyryşy barada iki traktat” atly işinde adamlaryň ilkinji ýagdaýlary hökmünde “tebigy hukugyň” agalygyny: erkinlik, deňlik we eýeçiligiň goraglylygyna garaýar. Ýöne ol Gobbs kimin adamlaryň “tebigy hukugyny” goramaklyk üçin “jemgyýetçilik şertnamaň” netijesi bolan döwletiň gerekligini belleýär. Gobbsyň pikiriçe, adamlaryň ilkibaşdan güýçli we gaharjaň bolanlary sebäpli biri-birini ýok etmezlikleri üçin jemgyýetçilik şertnamalaryň esasynda döwlet ýüze çykýar. Lokkyň pikiriçe döwlete tebigy

hukugyň belli bir bölegi – ilki bilen hem söz azatlygyny, ynanjy we eýeçiligi goramaklyk geçirilýär. Alym häkimiýeti ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kazyýet şahalara bölmek baradaky taglymaty hem ösdürýär. Bu ýerde kesgitleýji orun parlamentde kanun çykaryjy häkimiýetiň jemlenmegi bolýar. Hut kanun çykaryjy häkimiýet jemgyýetde ýola goýulan düzgüni we edara ediş usuly kesgitleýär.

Džon Lokkyň häkimiyeti bölmek baradaky pikiri soňra fransuz alymy *Şarl Lui Monteskýe (1689-1755)* tarapyndan has doly işlenilip düzülýär. Onuň aýtmagyna görä, her bir režimde, goý, ol monarhiýa bolsun ýa-da demokratiýa bolsun, tapawudy ýok, häkimiýet hökmany suratda kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet şahamçalaryna bölünmeli. Ol *"Döwletde kanun çykaryjylyk häkimiýetini umumy döwlet derejesindäki kararlary ýerine ýetirmek häkimiýetinden we jenaýaty ýa-da aýry-aýry adamlaryň dawaly meselelerini sud etmek häkimiýetini biri- birinden üzňelikde saklaman, eýsem bitewileşdirmek gerek"* diýip belläpdir. Diňe şeýle bölünişik bolan döwletde adamy kanunyň buýurmadyk zatlaryny etmeklige, kanunyň rugsat berýän zatlaryny ýerine ýetirmezlige hiç bir kişi mejbur edip bilmez.

Ýöne jemgyýetiň döwrebap syýasy ulgamynyň döremegi örän çylşyrymly meseleleriň biridir. Ol kämilligi gazanmaklyk üçin, durnukly demokratik däpler esasynda, düzüm döredijiler bolan: häkimiýeti, jemgyýeti we şahsyýeti sazlaşdyrmak gerek bolýar. Şonda häkimiýeti amal edýän döwletiň hökmany suratda kanuna daýanýan hukuk döwleti bolmaklygy zerurdyr. Jemgyýet hem özgermeli. Oňa dürli görnüşli assosasiýalar, köpçülikleýin hereketler, partiýalar häsiýetli bolmaly. Şolaryň kömegi bilen ýerli öz-özüňi dolandyryşy artdyrmaly. Şonuň ýal-yda bu ýerde raýata düýpgöter başga orun berilýär. Birleşmeler öz agzalaryndan düzgün-nyzamlylygy gorka görä dälde, düşünjelilige, içki ynanja esaslanyp ýerine ýetirmekligi talap edýärler. Olar öz borçlaryny ak ýürekli ýerine ýetirip, öz hukuklaryny goraýarlar.

Şu hili düzgüniň döremekligi liberal-demokratik ideologiýanyň öňe sürýän ýörelgeleriniň agdyklyk etmekligi bilen bagly bolýar. Liberal-demokratik ideologiýanyň syýasy nazaryýet esasy bolup 1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda BMG-niň Baş Assembleýasy tarapyndan kabul edilen Adam hukuklarynyň Ähliumumy Jarnamasy çykyş edýär. Bu resminama 1798-nji ýylyň 28-nji awgustynda beýik Fransuz rewolýusiýasy döwründe kabul edilen "Adamyň we raýatyň hukuklarynyň Jarnamasynyň" iş ýüzünde durmuşa geçirilişi boldy.

Ähliumumy Jarnamada: "Ähli adamlar öz mertebesinde azat we deň bolup durýarlar" diýip bellenilýär. Her bir adam Deklarasiýanyň beýan eden ähli hukuklaryna we azatlyklaryna eýe bolmalydyrlar. Adama degişli hukuklary we azatlyklary amal edilmeli ugurlaryna görä şahsy, syýasy, ykdysady, durmuşy-medeni, ekologik görnüşlere bölse bolar. Syýasatda liberal-demokratik jemgyýet, görşümiz ýaly, adam hukuklarynyň, häkimiýet bölünişiginiň, öz etjek işiňi azat saýlap almaklygyň, bäsleşik azatlygynyň ýörelgelerine daýanýar. Bu syýasy ýörelgeler, bir tarapdan, syýasy filosofiýada Džon Lokk tarapyndan we ikinji

tarapdan etikada we hukuk filosofiýada Immanui Kant tarapyndan jemlenen täze döwrüň syýsy-sosiologik taglymatyna daýanýar. Diýmek, adamyň erkinligi, onuň sosial jogapkärliligi bilen aýrylmaz baglanşykda bolýar. Ykdysadyýetde liberal ideologiýa döwlet tarapyndan ähli çäklendirmeleri aradan aýyrmagy, hususy işewirlige giň ýol açylmagyny, telekeçilige gerek bolan mümkin boldygyça erkin şertleri döretmekligi talap edýär. Häzirki döwürde hem liberal-demokratiýanyň tarapdarlary demokratik, erkin bäsleşik, hususy eýeçilik ýörelgelerine ykrarly bolup, döwletiň şu şertleriň döremegine yzgiderli täsir etmekligiň gerekligini adamyň diňe demokratik düzgüniň içinde mertebelenýänligini belleýärler.

Demokratik däl syýasy düzgünlere *totalitarizm we awtokratizm* girýärler.

Totalitarizm demokratiýanyň garşydaşy bolany sebäpli biz şu düzgüniň üstünde duryp geçeliň. *Totalitarizm (totalis* latynça – dolulyk, tutyşlaýyn) jemgyýetiň syýasy, ykdysady we ruhy taraplaryna döwletiň doly gözegçilik etmekligi bilen tapawutlanýar. Bu ýerde adamlaryň oý-pikirleri hem göz astynda bolýar. “Başgaça pikirlenýän” diýen düşünje oňa şaýatlyk edýär. XX asyryň uzak döwründe adamlaryň aň-düşünjesine bir ölçegiň esasynda gurnalmaklyga synanyşyldy. Adamlaryň aňy bir galyba salynanda, olaryň ruhy weýran bolýar. Gazaply düzgünler ozal hem bolan, ýöne totalitarizm döwrüň zalymlygy hökmünde orta çykýar. Sebäbi raýatlaryň üstünden doly gözegçilik köpçilikleýin maglumat serişdeleriniň, radionyň, telewideniýäniň döremegi bilen mümkin boldy. Totalitarizmde adam döwlet maşynynyň öňünde ýeke-täk galyp, oňa boýun bolýar.

Syýasy häkimiýet haýsy-da bolsa bir şahsyýetiň, belli bir syýasy guramanyň elinde hem bolup biler. Emma tutyş jemgyýet derejesinde alnanda, syýasy häkimiýet döwletiň elindedir. Munuň öz sebäpleri bar. Döwlet jemgyýeti dolandyrmak üçin döredilen ýörite syýasy edaradyr. Döwlet jemgyýeti özüne degişli bolan serişdeleriň üsti bilen adamlaryň oňa meýletin beren ygtyýarlyklarynyň esasynda dolandyrýar. Döwlet gerek ýerinde güýç hem ulanyp, jemgyýetde tertip-düzgüniň bolmagyny amal edýär. Döwletiň syýasy häkimliginiň gowşaklyk ýa-da güýçlülik derejesi ilkinji nobatda, onuň gözbaşynda duran şahsyýetlere, döwlet ýolbaşçylaryna, syýasy liderlere degişlidir.

Jemgyýetiň durmuşyny kesgitli reformalar esasynda üýtgetmek, adamlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak üçin jemgyýetiň ähli sferalaryna täze reformalar zerur gerekdir. Döwlet hem-de partiýa sistemasynyň gözbaşynda durýan we jemgyýetçilik-syýasy guramalara ýolbaşçylyk edýän *liderlik korpusy* bolmasa bulary durmuşa geçirmek mümkin däldir.

Lider nähili bolmaly we liderlik funksiýalary nämeleri talap edýär ? 1989-njy ýylda Halkara gatnaşyklary neşirýaty “Syýasy portretleriň ýygyndysyny” çap etdi. Bu ýygyndyda syýasy liderleriň özüni alyp barmaklarynyň düzgünleri, funksiýalary diňden açylyp görkezilýär. *“Lider” sözi “Leder”* diýen iňlis sözünden gelip çykyp, ol *“Öňdebaryjy”, “Ýol görkeziji”* diýen manyny berýär. Liderligiň taryhy ähmiýetini ylymda ilkinji bolup *Maks Weber* kesgitläpdir.

Liderlik instituty entek gadymy döwürlerde ýüze çykyp başlaýar. Onuň ýüze çykmagy adamlaryň sosial bähbitleriniň artmagy hem-de olaryň bilelikdäki ýaşaýşynda ýüze çykýan meseleleri çözmek bilen şertlendirilýär. Liderlik korpusy köptaraplaýyn düşinjedir. Ol hemişe jemgyýetiň ösüşi bilen bilelikde üýtgeýär.

*Syýasy Lidreler* diýilip, esasan, döwlet häkimiýetiniň iň ýokary wezipesini eýeleýän adamlara düşünilse-de, her bir döwlet başyna geçen adam, sözüň hakyky manysynda syýasy Lider bolup bilmeýär. Döwleti dolandyrmak, jemgyýeti agzybir saklamak, halky bir maksada gulluk etmäge gönükdirmek aňsatlyk bilen çözülýän meseleler däldir. Şeýle meseleleri oýlanşykly pikirlenip, derňäp, akylly-başly çözüp bilýän döwlet ýolbaşçysy hakyky lider bolup bilýär. Döwlet ýolbaşçysy halkyň arasynda öz adalatlylygy, dogruçyllygy, parasatlylygy bilen tapawutlanmalydyr, uly abraýdan peýdalanmaly hem-de halky yzyna düşirmegi başarmalydyr. Italýan syýasaty öwreniji *Nikkolo Makiawelliniň* (1469-1527) işläp düzen "Liderlik teoriýasy" özünde dört düzgini jemleýär:

1) Lideriň häkimiýeti hemişe onuň töwerekdäkileriniň goldawyna we ýardamyna daýanmalydyr;
2) Golastyndakylar liderden nämä garaşýandygyny hem-de lider hem öz gezeginde olardan nämä garaşýandygyny bilmelidir;
3) Lider islendik kynçylyklardan baş alyp çykmagy başarmalydyr;
4) Lider öz töweregindäkiler üçin mydama adalatlylygyň nusgasy bolmalydyr;

Syýasaty öwreniş ylymynda syýasy liderler biri-birinden tapawutlandyrylyp, birnäçe toparlara bölünýär. Amerikan alymy *Robert Taker* syýasy liderleri aşakdaky üç topara bölýär:

**1.***Lider – reformator* – jemgyýetde özünden öň agalyk edýän maksatly ýörelgelere doly düşünýär, olary ykrar edýär, şol bir wagtda hem olar bilen ylalaşýar. Emma jemgyýetiň şol maksada ýetmek üçin ulanýan hereketlerini ýeterlik hasap etmeýär. Şol sebäpli-de ol jemgyýetdäki ýagdaýy düýpgöter üýtgedip, öňde goýlan maksada ýetmek üçin täze, başga täzeçillik ýollary bilen amala aşyrmaga çalyşýar.

**2.***Lider – rewolýusioner* – jemgyýetde özünden öň agalyk eden garaýyşlary tutyşlygyna inkär edip, ähli güýjüni olaryň ýok edilmegine gönükdirýär. Ol düýbünden özüçe täze reformalary öňe sürýär, jemgyýetçilik gurluşyny öwrülişik ýoly esasynda üýtgetmäge başlaýar.

**3.***Lider – konserwator* – jemgyýetçilik durmyşynda hiç bir zady üýtgetmek islemeýär. Jemgyýetiň şol bir dowam edip gelýän akym bilen ýöremegine, däp-dessurlaryň esasynda saklanylmagyna ýykgyn edýär.

Syýasy lideriň görnüşleri babatynda edil şulara meňzeş başga-da syýasy garaýyşlar kän. Biz bu ýerde olaryň hemmesini synap geçmekden saklanyp, syýasy liderlik meselesiniň *harizmalaýyn liderler we şahsyýet kulty* diýlip atlandyrylýan taraplary barada az-kem gürrüň etmekçi. *"Harizma"* sözi irki hristiýan golýazmalarynda gabat gelýär. Ol "Hudaýtarapynlyk" diýen manyny berýär. Syýasaty öwreniş ylmyna ol nemes sosiology *Marks Weber* (1864-1920) tarapyndan girizilipdir. Bu düşünjäniň üsti bilen syýasy lideriň aýratyn bir topary häsiýetlendirilip, şeýle liderlere öz öňbaşçylyk edýän halky, goşuny tarapyndan köre-körleýin goldanylýan, pygamberlere deňelýän, ýarym hudaý hasaplanylýan serdarlar, serkerdebaşylar degişli edilýär. Taryh ylmynda harizmalaýyn liderleriň hatarynda *Aleksandr Makedonskiniň, Gaý Ýuliý Sezaryň, Napoleonyň, Gitleriň, Frankonyň, Staliniň* atlary sanalýar. Ýurduň halky ýa-da goşunyň esgerleri şeýle liderleriň yzyna oňa doly ynanyp, onuň hemme hereketlerini doly goldap düşýär. Şeýle lideriň yzyna köre-körlik bilen düşen halk, hat-da ol ilaty ejir çekmeklige

mejbur etse-de, ony näletlemän, gaýtam, tersine, oňa alkyş ýagdyrýar. Harizmalaýyn liderlik *şahsyýet kulty (cultus-tagzym etmek, boýun egmek* diýen manylary berýän latyn sözünden) diýilýän hadysa bilen gös-göni baglanşyklydyr.

*Şahsyýet kulty* haýsy-da bolsa bir syýasy lideriň jemgyýetiň durmyşyndaky ornuna çakdanaşa ýokary baha berilmegi, hemme gazanylan üstünlikleriň diňe onuň ady bilen aýrylmaz baglanyşdyrylmagy, onuň çäksiz mahabatlandyrylmagy, taryplanylmagy we öwülmegi netijesinde emele gelýär.

Köplenç halatda liderleriň harizmasy ondan gorkmaklyk, çekinmeklik esasynda hem döreýär. Ýöne harizmalaýyn liderlik halkyň hakyky söýgüsiniň we hormatynyň esasynda hem döräp bilýär.

XX asyr halkara arenasyna dünýä belli görnükli syýasy liderleri orta çykardy. Ýer ýüzünde adamzadyň bagtly ýaşaýşy ugrynda göreşen, öz ýurdunyň ösüşi üçin köp işleri amala aşyran syýasy liderler hindistanda *Mohandas Gandi* (1869-1948) hindi milli azat-edijilik hereketiniň ideology hökmünde tanalýar.

Bulardan başga-da *Şarl de Goll, Aleksandr Dubçek, Teodor Ruzwelt, Wudro Wilson, Franklin Ruzwelt, Duaýt Eýzenhauer, Džon Kennedi, Džimi Karter, Ronald Reýgan, Fidel Kastro* we *Raul Kastro,* Hytaýda *Sun Ýatsen, Mao-Szedun, Eýranda Aýatolla Homeýni,* 1979-njy ýylda rewolýusiýanyň gözbaşynda durup, Eýran Yslam Respublikasyny esaslandyryjydyr. Bulardan başga-da geçen XX asyrda birnäçe meşhur döwlet we jemgyýetçilik işgärleri, syýasy liderler ösüp ýetişdiler. Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy diňe bir Türkmenistanyň taryhyna däl-de, eýsem, bütindünýä taryhyna hem iň görnükli syýasy liderleriň biri hökmünde giren şahsyýetdir. Ol türkmen halkyna onuň asyrlarboýy arzuwlan özbaşdak döwletini gurup berdi.

**3-nji tema. Syýasy sistema we düzgünler.**
4 sagat

**M e ý i l n a m a :**

1.Syýasy sistema we onuň gurluşy.

2.Syýasy sistemanyň funksiyalary.

3.Syýasy düzgün düşünjesi.

4.Türkmenistanda demokratik gurluşy döwletiň emele geliş aýratynlyklary.

**E d e b i ý a t :**

1.Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösűşiň täze belentliklerine tarap.-A.,2008.ý.
2.Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy.-Aşgabat.,2007.ý.
3.Tűrkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow (Gysgaça terjimehal). – Aşgabat.,2007.ý.
4.Saparmyrat Tűrkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat.,2001.ý.
5.Saparmyrat Tűrkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap). – Aşgabat.,2004.ý.
6.Политология. (Авторефераты). – М.,1998.г.
7.Основы политологии – М.,1992.г.
8.История политических и правовых учений – М.,1998г
9.Политическая социология.(Для студентов вузов) – Ростов н/Д.,1997г.
10.Политология. Экзаменационные ответы – М.,2004.г.

*„Syýasy sistema“* termini syýasaty öwreniş ylmyna XIX asyryň 50-60-njy ýyllarynda girizilýär. Syýasy sistemanyň esasy wezipelerine şu aşakdakylar degişlidir:

- jemgyýetiň ösüşiniň baş ugurlaryny kesgitlemek;
- bellenilen sepgitlere ýetmeklik üçin zerur bolan serişdeleri bir ýere jemlemek we ulanmak:
- jemgyýeti düzýän gatlaklaryň arasynda maddy we ruhy gymmatlyklary paýlamak;
- jemgyýetde agzybirligi saklamak, adamlar toparynyň hereketlerini utgaşdyrmak;
- kanunlar çykarmak we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek.

Her bir jemgyýetiň syýasy sistemasyny ýola goýmak üçin kesgitli wagt gerek bolýar. Syýasy sustemalar *ýönekeý* we *çylşyrymly görnüşde* bolýar. Ýönekeý görnüşi esasan, jemgyýetiň az sanly gatlaklaryna mahsusdyr. Syýasy partiýalaryň, toparlaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň köpdürlüligi jemgyýetde syýasy sistemanyň hem çylşyrymlaşmagyna getirýär. Syýasy sistemanyň üsti bilen döwlet, jemgyýet dolandyrylýar. Syýasy sistemada döwlet bilen raýat sazlaşykly gatnaşykda bolýar.

Syýasy sistemalaryň hereket edişine has doly göz ýetirmek üçin *syýasy režim* (*düzgün*) diýlen düşünjeden giňden peýdalanylýar. Onuň üsti bilen syýasaty öwreniş ylmynda syýasy ulgamyň hereket edişiniň we häkimiýetiň amal edişiniň ýollary we usullary häsiýetlendirilýär. Syýasy düzgünler dürli-dürlidir. Ylymda dünýä ýurtlarynda duş gelýän syýasy düzgünleri 4 görnüşe bölmeklik esasynda kabul edilendir. Syýasy režimler *totalitar, awtoritar, liberal* we *demokratik* ýaly görnüşlere bölünýär.

*Totalitar düzgün. „Totalitar“* diýen söz (*totalis-bitewi, tutuş* diýen manyny aňladýan latyn sözünden) syýasat ylmynda giňden ulanylýar. Totalitar düzgüniň esasy aýratynlygy häkimiýetiň jemgyýetiň üstünden doly, tutuşlaýyn gözegçilik edýändigidir. Şeýle düzgün ýöredýän ýurtda häkimiýet jemgyýetçilik durmuşyny tutuşlygyna öz göz astynda saklaýar. Häkimiýet diňe bir ykdysadyýeti, medeniýeti we maglumatlary öz gözegçiliginde saklaman, eýsem, adamlaryň şahsy durmuşyna hem aralaşyp, olary erkin ýaşamakdan, özbaşdak pikir ýöretmekden we hereket etmekden mahrum edýär. Totalitar düzgünde dolandyrylýan döwlet, barybir ir-u-giç gowşamak ýa-da dargamak bilen bolýar. SSSR döwleti hem totalitar režimde dolandyrylan döwlet bolupdy. Onuň esasy güýji Sowet Soýuzynyň Kommunistik Partiýasydy. SSSR-de ähli zat SSKP-niň ygtyýaryndady, hemme meseleler merkezden çözülýärdi. SSKP- niň yzygiderli geçirilýän gurultaýlarynda içerki ösüşiň bäş ýyllyk meýilnamalaryň jemi jemlenýärdi. 1922-nji ýylda esaslandyrylan kuwwatly SSSR döwleti içerki agzalalygyň, gowşaklygyň netijesinde 1991-nji ýylyň 8-nji dekabrynda doly dargady.

*Awtoritar düzgün.* Bu düzgün hem köp babatda totalitar düzgün bilen meňzeşdir. Awtoritar düzgüni döwletleriň bir režimden beýleki režime geçiş döwri üçin häsiýetlidir. Onuň esasy aýratynlygy bolsa syýasy häkimiýetiň jemgyýetiň durmuşyny gatyşmaklygy, ony gözegçilik astynda saklamaklygy, totalitar düzgün bilen deňeşdirilende birneme gowşagrakdyr.

*Liberal düzgün.* Bu düzgüni belli bir derejede geçiş häsiýetli düzgün hökmünde häsiýetlendirmek mümkin. Ol, köplenç, gysga döwürde dowam edip, köne düzgüniň we täze emele geljek düzgüniň häsiýetli aýratynlyklaryny özünde jemleýär. Häkimiýetiň jemgyýetiň durmuşyna goşulmaklygy mümkinçilik berlip, olar syýasaty barada öz pikirlerini we garaýyşlaryny beýan etmeklige başlaýarlar. Adam hukuklarynyň çägi giňelip başlaýar.

*Demokratik düzgün.* Häzirki wagtda dünýä ýüzünde dolandyryşyň has giň ýaýran görnüşidir. Demokratik dolandyryş giň mana eýedir. Demokratiýanyň dünýä inen ýeri b.e.öň V asyrda Afiny şäher döwletleri (grek polisleri) hasaplanýar. Afiny halk demokratiýasy hökmünde hukuk, saýlawly jemgyýet bolup, ol içerki gowşaklygyň barlygyna garamazdan, 200 ýyl ýaşapdyr. Demokratiýa köplügiň dolandyrmak ideýasyny esas edip goýýar. Syýasy kararlary kabul etmek hukugy raýatlaryň diňe gös-göni we wekilçilikli ýollary arkaly çözülýär.

Raýatlaryň söz azatlygynyň kepillendirilmegi – halk demokratiýasynyň özeni hasaplanýar. Jemgyýetde raýatlaryň özbaşdak, erkin oýlanyp-pikirlenip bilmegi demokratiýanyň diňe has ösen, kämilleşen ýerinde mümkindir. Sebäbi, döwletde demokratiýa bir ýa-da bäş ýylyň dowamynda kemala gelmeýär, ony amala aşyrmak üçin jemgyýeti bu düzgüne doly taýýarlamaly bolýar. Biziň ýurdumyzda bolsa demokratiýa geçmek düzgüni etaplaýyn amala aşyryldy.

Syýasy prosesleriň çylşyrymlaşmagy hem demokratik düzgüne täsir edýär. Sebäbi syýasy prosesleriň barha çylşyrymlaşmagyna jemgyýetiň syýasy sistemasy sebäp bolýar.

**4-nji tema. Raýat jemgyýeti.**
2 sagat

**M e ý i l n a m a :**

1.Raýat jemgyýeti.

2.Raýat jemgyýetiniň gurluşy.

3.Raýat jemgyýetiniň funksiýalary.

**E d e b i ý a t :**

1.Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösűşiň täze belentliklerine tarap.-A.,2008.ý.
2.Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy.-Aşgabat.,2007.ý.
3.Tűrkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow (Gysgaça terjimehal). – Aşgabat.,2007.ý.
4.Saparmyrat Tűrkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat.,2001.ý.
5.Saparmyrat Tűrkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap). – Aşgabat.,2004.ý.
6.Политология. (Авторефераты). – М.,1998.г.
7.Основы политологии – М.,1992.г.
8.История политических и правовых учений – М.,1998.г.
9.Политическая социология.(Для студентов вузов) – Ростов н/Д.,1997.г.
10.Политология. Экзаменационные ответы – М.,2004.г.

Syýasaty öwreniş ylmynda *raýat jemgyýeti* örän çylşyrymly düzümdäki baglanyşyklaryň ulgamydyr. Raýat jemgyýeti döwletiň garamagyndan daşarky, oňa goşulyşmaýan şahsara gatnaşyklarynyň ählisini öz içine alýar. Şonuň ýaly-da, ol adamlaryň hem-de birleşmeleriň her günki isleglerini amal edýän, döwlete bagly bolmadyk jemgyýetçilik edaralarynyň giňişleýin ulgamyny hem özünde jemleýär.

*Raýat* diýip, şahsyýetiň haýsy-da bolsa bir döwletiň hukuk taýyndan degişliligi diýmekdir hem-de onuň adatça, kanun tarapyndan berkidilmegidir. Şu jähtden kanun raýatyň, döwletiň içindäki we daşyndaky hukuk ýagdaýyny belleýär.Adamlar özleriniň gündelik ýaşaýyş durmuşy bilen bagly bolan islegleriniň birnäçesini (mysal üçin,bazarlarda we dükanlarda ekologik taýdan howpsuz iýmitleriň we içgileriň satylmagyna, ýaşaýan ýerleriniň töwereginiň abadançylygynyň üpjün edilmegine we ş.m. beýleki zatlara bolan isleglerini) degişli birleşmeleri we wagtlaýyn hereket edýän guramalary döretmek arkaly kanagatlandyrýarlar. Şeýle birleşmeler bilim, medeniýet, sport we syýahatçylyk meseleleri babatda hem döredilýär.

*Ösen raýat jemgyýeti* – syýasy sistemanyň durnuklylygynyň esasydyr. Sebäbi, jemgyýetde kämil sistemany ýola goýmak örän çylşyrymly meseleleriň biridir. Ol bir ýa-da iki ýylyň işi däldir. Ony amala aşyrmak üçin oýlanyşykly syýasatyň bolmaly. Siwilizlenen raýat jemgyýeti adamlaryň aň-dünýägaraýşynyň ösen wagtynda kemala gelýär. Iňlis alymy *Karl Popper* (1902-1994)„Açyk jemgyýet we onuň garşydaşlary“ atly eseri bilen meşhurdyr. Bu syýasy eserinde Popper raýat jemgyýetiniň esasy düzgünlerini işläp düzdi. Onuň pikiriçe, raýat bilen döwlet „raýat jemgyýetini“ birleşdirýän köpri bolup hyzmat edýär. *Ralf Darendorf* (1929) nemes sosiology, syýasy işgär, publisist, häzirkizaman liberalizminiň ideology hökmünde „Jemgyýet we döwlet“ diýen eserinde raýat jemgyýetiniň kemala gelmek proseslerini aýdyňlaşdyrýar.

Döwletiň işlerini dolandyrmak diýen düşünje döwletiň ähli edaralarynyň, şol sanda döwlet häkimiýet, dolandyryş we kazyýet edaralarynyň işini öz içine alýar. Bu hukuk adamyň raýatlygy bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi ýokarda bellenip geçilişi ýaly, raýatlyk - bu adamyň we döwletiň arasyndaky durnukly hukuk arabaglanyşygydyr. Şonuň ýaly-da döwlet raýatlarynyň döwletiň işlerini dolandyrmaklyga gatnaşmaga bolan hukuklaryny ykrar etmek bilen olardan öz kabul eden kadalaşdyryjy namalaryny gyşarnyksyz berjaý etmegi talap etmäge hukuk gazanýar.

Raýatlaryň döwletiň işleriniň dolandyrylyşyna gatnaşmaga bolan hukugy üç topara bölünýär:

1) Raýatlar öz atlaryndan çykyş etjek we döwlet dolandyryşy amala aşyrylanda özleriniň kanuny hukuklaryny we azatlyklaryny gorajak wekillerini döwletiň saýlawly edaralaryna saýlap bilýärler;

2) Raýatlaryň özleri gönüden-göni döwletiň saýlawly edaralaryna ýa-da wezipelerine saýlanmak arkaly döwletiň işlerini dolandyrmaklyga gatnaşyp bilýärler;

3) Raýatlar hiç-kimi saýlamazdan we saýlanmazdan öz erk-isleglerini gönüden-göni sala salşyk arkaly beýan edip, döwletiň işlerini dolandyrmaklyga gatnaşyp bilýärler;

Kämil raýat jemgyýetinde bolsa *döwlet* ýokary derejä eýe bolýar. Adaty döwletiň ýerine raýatlar bilen kanun ýörelgeler esasynda gatnaşyga girýän raýat döwleti gelýär. Şeýle döwlete *hukuk döwletli* diýilýär.Bu meselä aýratyn garap geçeliň.

Gadymy akyldarlaryň döwlet baradaky garaýyşlarynyň üstünde biz ýokarda hem az-kem durup geçipdik. Şonda biz döwlet baradaky taglymatyň döreýşi we kämilleşişi bilen hem az-kem tanşypdyk. Bu ýerde biz *hukuk döwleti* diýip atlandyrylýan döwletiň esasy ýöreldeleri dogrusynda gürrüň açmak isleýäris.

Hukuk bilimi sosial filosofiýanyň bir bölegi bolup, hukuk ylmynyň esasy seredýän meseleleriniň biridir. Hukuk döwleti ideýasyny ylymda ilkinji bolup *Mark Tulliý Siseron* (b.e.öň 106-43 ýý) işläp düzüpdir. Hukuk ideýasyna kanun, hököm, jeza, kanunalaýyklyk düşünjeleri bilen birlikde döwletlilik ideýasy hem girýär. Hukuk jemgyýeti ynsanperwerlik düşünjeleri hem-de şahsy islegleri kanagatlandyrmak maksady bilen döräpdir.

Raýat jemgyýeti, hukuk döwleti, hususy eýeçilik, şahsyýet aňy we jemgyýetçilik aňyny we öz-özüni aňlaýşy, jemgyýetçilik aňynyň görnüşleri barada alymyň işläp düzen pikirleri häzirki jemgyýetçilik ylymlarynda hem giňişleýin ulanylýar. Gegel raýat jemgyýetini we syýasy döwleti biri-birinden tapawutlandyrýar.

Raýat jemgyýeti, onuň pikiriçe aýratyn şahsyýetleriň öz şahsy maksatlaryny we bähbitlerini amal edýän gurşawy bolýar. Filosof raýat jemgyýetiň üç tarapyny:

1. Isleg ulgamy;
2. Adalatlylygy amal etmeklik;
3. Polisiýa we birleşmek (kooperasiýa) taraplary biri-birinden tapawutlandyrýar.

Raýat jemgyýeti üçin diňe bir hususy eýeçiligiň barlygy wajyp bolman, eýsem, onuň kanun, kazyýet we polisiýa tarapyndan goraglylygy hem wajyp. Şonuň bilen bilelikde raýat jemgyýeti üçin aç-açanlygyň wajyplygy: kanunlaryň jemagat öňünde aýan edilmegi, adalatlylygyň köpçüligiň öňünde amal edilmegi we oturdaşly kazyýetiň zerurlygy bellenilýär.

Raýat jemgyýeti bilen döwlet Gegeliň taglymatyna görä, akyl bilen paýhasyň baglanyşygyna kybapdaş bolýar. Raýat jemgyýeti – bu „daşarky döwlet“, „mätäçligiň we akylyň döwleti“, hakyky döwlet bolsa – paýhasly, ol raýat jemgyýetiniň esasy bolýar. Gegel döwleti dürli hili düşündirýär: döwleti erkinlik pikiri hökmünde; bitewi organizm hökmünde; konstitusion monarhiýa hökmünde düşündirýär. Gegel üçin erkinlik, adalatlylyk , hukuk diňe „döwlet pikirine“ laýyk gelýän döwletde mümkin bolýar. Gegel Lokkyň we Monteskýeniň erkinligi köpçüligiň öňünde kepillendirýän döwletde häkimiýeti bölmeklik pikiri bilen ylalaşýar. Ol häkimiýetiň şahalarynyň biri-biri bilen gatnaşygy bitewiligiň we onuň agzalarynyň gatnaşygyny aýan etmeli.

*Tomas Gobbs* bolsa hukuk bilen kanuny tapawutlandyryp şeýle diýipdir. „Döwletiň ýokary häkimiýeti hukuk ideýasy arkaly goramagy bilen hukuk täze derejä çykýar. Kanun hukuk ideýasynyň ýüze çykmagy bilen herekete güýje girýär“.

*Hukuk* – bu adamyň dolandyrýan döwletlikde sosial normanyň bir häsiýeti, emma *kanun* bolsa, umumy tassyklanan hiç hili şahsy pikire, islege bagly

bolmaýar, şonuň esasynda hukuk düşünjesinden tapawutlanýar. Ýöne, kanun bilen hukuk ideýasy biri-biri bilen arabaglanşyklydyr.

Hukugyň ählumumy kabul edilen düzgünleri we kada-kanunlary özünde jemleýän gural hökmünde emele gelmegi esasan, döwletiň döremegi bilen baglanyşyklydyr. Ýer ýüzünde eýýäm ilkinji dörän döwletlerde adamlaryň gatnaşyklary bilen baglanyşykly meseleleriň hemmesini diňe ahlagyň kömegi bilen kadalaşdyryp bolmajakdygyna göz ýetiripdirler. Netijede, döwletler adamlaryň özlerini alyp baryşlaryny biri-birleri bilen gatnaşyklaryny, olaryň arasynda döreýän dawalary we jedelleri kadalaşdyrmak üçin belli bir kanunlary we hukuk düzgünlerini işläp düzmäge mejbur bolupdyr. Hukuk elmydama adalatlylyk bilen berk baglanyşyklydyr. Hukuk düzgünleri adamlaryň arasyndaky gatnaşyklarda emele gelýän dürli meseleleriň adalatly çözülmegine ýardam edýär. Hukuk düzgünleri jemgyýetiň durmuşynda ählumumy ylalaşygyň we raýat agzybirliginiň saklanmagynyň girewi bolup hyzmat edýär.

Döwletleriň iň ösen görnüşi hukuk döwleti görnüşindäki döwletlerdir. Gysgaça aýdylanda, *hukuk döwleti* – bu adamyň erkinliklerini we hukuklaryny, onuň ýaşaýyş durmuşyny we emläklerini gyşarnyksyz goramagy öz baş wezipesi hasap edýän döwletdir. Hukuk döwletiniň esasy aýratynlyklarynyň biri şeýle döwletde „Kanun tarapyndan gadagan edilmedik zatlaryň hemmesine rugsat berilýär“ diýlen ýörelgäniň ulanylýanlygy bilen baglanyşyklydyr.

**5-nji tema. Jemgyýetiň ýaşaýşynda döwletiň roly.**
2 sagat

**M e ý i l n a m a :**

1. Döwlet düşünjesi we onuň elementleri.

2. Döwletiň döreýşi we ösüşi hakynda konsepsiýalar.

3. Döwletiň funksiýalary.

4. Hukuk döwleti.

**E d e b i ý a t :**

1.Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösűşiň täze belentliklerine tarap.-A.,2008.ý.
2.Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy.-Aşgabat.,2007.ý.
3.Tűrkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow (Gysgaça terjimehal). – Aşgabat.,2007.ý.
4.Saparmyrat Tűrkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat.,2001.ý.
5.Saparmyrat Tűrkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap). – Aşgabat.,2004.ý.
6.Политология. (Авторефераты). – М.,1998.г.
7.Основы политологии – М.,1992.г.
8.История политических и правовых учений – М.,1998.г.
9.Политическая социология.(Для студентов вузов) – Ростов н/Д.,1997.г.
10.Политология. Экзаменационные ответы – М.,2004.г.

*Döwlet* – syýasy sistemasynyň esasy instituty bolup durýar. Döwlet emele gelen pursatyndan başlap, akyldarlar döwletiň emele geliş tebigaty barada birnäçe syýasy, filosofik garaýyşlary, pikirleri öňe sürüpdirler. Şolar esasynda hem döwletiň birnäçe emele geliş konsepsiýalary we taglymatlary ýüze çykdy.

1. *Dini (teologik) konsepsiýa – (Awreliý Awgustin, Foma Akwinskiý)* döwlet hudaý tarapyn emele gelip, döwleti dolandyrýan patyşa hudaýyň ýerdäki wekili diýen garaýyş öňe sürülýär. Bu konsepsiýa orta asyrlar döwründe Günbatar Ýewropa ýurtlarynda diniň ähmiýetiniň ýokarlanan döwründe uly ähmiýete eýe bolupdyr. Filosofiýa ylmynyň *neotomizm* ugry hem şu pikiri goldaýar.

2. *Patriarhal konsepsiýa* – döwlet uly bir maşgala bolup, patyşa we onuň raýatlarynyň arasyndaky gatnaşyk maşgalanyň atasy bilen maşgala agzalarynyň arasyndaky gatnaşyga meňzedilýär. Bu konsepsiýa laýyklykda döwlet maşgalalaryň urug tire-taýpalaryň birleşmegi esasynda emele gelýär diýen ideýa öňe sürülýär.

3. *Jemgyýetçilik-şertnamalaýyn teoriýa* – syýasaty öwreniş ylmynda ony esaslandyran we döredijilikli ösdüren akyldarlar *G.Grosiý, Tomas Gobbs, Žan Žak Russo* bolup, döwlet özygtyýarly häkimiýet eýeleri bilen boýun egijileriň arasyndaky baglaşylan şertnamanyň netijesinde emele gelipdir diýen ideýany öňe sürýärler. Olaryň bellemegine görä, adamlar häkimiýetsiz, döwletsiz ýaşaýşyň kynlygyna göz ýetirip, döwlet döretmäge şertnama baglaşypdyrlar. Şonuň esasynda-da öz azatlyklarynyň, hukuklarynyň beýan tapýan ýeri hökmünde döwleti döredipdirler diýen pikir öňe sürülýär.

4. *Basybalyjykly teoriýa-(L.Gumplowiç, K.Kautskiý)* bu teoriýany esaslandyryjy polýak awstraliýaly sosiology we ýuristi *L.Gumplowiç* bolup, döwlet güýçli halkyň ejiz halky basyp almagy bilen emele gelipdir diýen pikiri öňe sürýär. 1933-nji ýylda Gitleriň häkimiýet başyna geçmegi bilen bu teoriýa täze mana eýe bolýar. Basybalyjylykly teoriýanyň gutulgysyzdygyna geçen XX asyrda bolup geçen ululy-kiçili uruşlar, çaknyşyklar hem aýdyň görkezdi.

5. *Marksistik-leninçilik teoriýasy* –bu teoriýa XIX asyryň ahyrlarynda ýüze çykyp, döwlet jemgyýetde synplaryň bölünmegi, ýagny ykdysady bähbitli agalyk ediji synplaryň bölünmegi arkaly emele gelipdir diýen pikir öňe sürülýär. SSSR-iň döwlet dolandyryş sistemasy Marksistik-leninçilik teoriýasyndan ugur alypdy. Lenin özüniň *„Näme etmeli“* we *„Döwlet we rewolýusiýa“* atly eserlerinde bu teoriýany döredijilikli ösdürdi. W.I.Lenin „Döwlet – bir synpyň beýleki bir synpyň üstünden agalyk etmegini goldaýan maşyndyr“ diýip belleýär.

*Döwletiň alamatlary.* Döwletiň 4 sany esasy alamaty bar:

1) Çägi;
2) Ilaty;
3) Suwereniteti (özygtyýarlylygy).
4) Dolandyryş apparaty (diwany).

Olaryň her biriniň üstünde aýratynlykda durup geçeliň.

*Döwletiň çägi.* Her bir döwlet haýsy hem bolsa bir aýratyn alnan çäkde ýerleşýär. Häzirki zaman döwletleriniň köpüsi öz çäklerini goňşy döwletleriň çäklerinden serhet zolaklaryny geçirmek arkaly araçäkleşýär. Çäk döwletiň iň wajyp gymmatlyklarynyň biridir. Her bir döwlet diňe onuň çägi bolan ýagdaýynda

hakyky döwletdir. Çäginiň ululygy ýa-da kiçiligi döwletiň döwlet hökmünde kabul edilmegine täsir etmeýär. Häzir dünýäniň ýüzünde çäginiň ölçegi ummasyz uly döwletler-de, ujypsyzja çäkde ýerleşýän döwletler-de bar. Döwlete onuň ýerleşýän çäginiň diňe gury gaty ýeri degişli däldir. Onuň eýeçiligine şol çägiň ýerasty baýlyklary-da, suwly ýerleri-de (deňizleri, kölleri, derýalary), üstündäki howa giňişligi-de degişlidir.

*Ilat.* Hiç bir döwleti ilatsyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Sebäbi döwlet häkimiýeti belli bir çäkde ýaşan adamlaryň üstünden ýöredilýär. Diňe döwleti bolan halk özüni bir bütewi umumylyk – bir millet hökmünde duýýar.

*Suwerenitet.* Her bir döwletiň suwerenitetiniň bolmaklygy hem iň zerur alamatlaryň biridir. Suwerenitet sözi „ *souverainete“-„ýokary häkimiýet“* diýen manyny aňladýan fransuz sözünden. Döwletiň suwerenitetiniň bolmaklygy oňa ýurduň çäginde iň ýokary häkimiýetiň degişlidigini we ol häkimiýetiň hökmürowänlygyny aňladyar. Bu bolsa döwletiň ýurdy özbaşdak we garaşsyz dolandyrmaga ygtyýarlydygyny, ýurduň çäginde hut şonuň buýruklarynyň we görkezmeleriniň gutarnyklydygyny aňladýar. Suwereniteti bolan döwlet öz daşary syýasatyny hem garaşsyz ýöretmäge ygtyýarlydyr.

*Dolandyryş apparaty, häkimiýet (diwany).* Döwlet ýurdy diňe özüniň ýörite döredilen edaralarynyň üsti bilen dolandyryp bilýär. Häzirkizaman döwletleriniň dolandyryş apparaty birmeňzeş däldir. Emma her bir döwletde hem şu aşakdaky ýaly edaralaryň ol ýa-da başga görnüşleri bar:

-kanunlary işläp düzýän wekilçilikli edaralar (parlamentler);
-ýerine ýetiriji we buýruk beriji edaralar (ministrlikler, häkimlikler);
-kanunlaryň we buýruklaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän edaralar (kazyýet edaralary, prokuratura, polisiýa, harby güýçleri).

Ýokarda sanalan alamatlardan hem görnüşi ýaly, döwlet jemgyýetçilik durmuşynyň kadaly ösmegi üçin zerurlyk hökmünde taryhy taýdan dörän edaradyr.
Döwletler özleriniň çäklenýän gurluşy boýunça birnäçe görnüşlere bölünýär. Döwletler esasan, imperiýa,unitar, federasiýa we konfederasiýa görnüşli döwletlere bölünýär.

Imperiýalar bir döwletiň başga halklaryň ýerlerini basyp alyp, olary özüne tabyn etmekliginiň netijesinde döreýän ägirt uly döwlet gurluşydyr.Imperiýalar elmydama diýen ýaly metropoliýalardan we oňa tabynlykda ýaşaýan koloniýalardan ybaratdyr. Metropoliýa diýlip imperiýanyň başlangyç merkezine, ýagny ýerleri basyp almaklygy, birleşdirmegi we özüne tabyn etmekligi başlan ýadrosyna aýar. Imperiýalaryň ilaty dili, medeniýeti we dini aýry bolan dürli milletlerden we halkyýetlerden ybarat bolýar. Imperiýalara imperatorlar, patyşalar, soltanlar, korollar tarapyndan ýolbaşçylyk edilip, olar esasan, güýç ulanmak arkaly saklanýar. Taryh ylmy dünýäde şeýle imperiýalaryň birnäçesiniň bolanlygy barada we olaryň wagtyň geçmegi bilen dargap gidendikleri barada giňişleýin maglumatlar berýär.

*Unitar döwletler* häkimiýetň ýokary derejede merkezleşdirilýänligi bilen dolandyrylýan bir bitewi döwletlerdir. Ýöne olar başga ýerleri basyp almak arkaly dörän döwletler däldir. Unitar döwletleriň hiç bir bölegi özbaşdak hereket edip

bilmeýär. Hemme meseleler diňe ýeke-täk bolan merkezi häkimiýet tarapyndan çözülýär.

*Federasiýa tipli döwletler* birnäçe aýratyn döwletleriň meýletin birleşmesi, has dogrusy, döwletleriň soýuzy görnüşli döwletler bolup, olara girýän döwletleriň her haýsy umumy meselelerden (goranmak üçin bir bitewi goşun saklamak, ýeke-täk pul birligini ulanmak ýaly) başga meseleleri özbaşdak, merkeze garaşsyz çözmeklige hukuklydyr.

*Konfederasiýa tipli döwlet* birnäçe döwletleriň wagtlaýyn birleşmesi görnüşdäki döwlet bolup, oňa girýän döwletleriň her biri özüniň syýasy özbaşdaklygyny saklaýar.

Häzirki zaman döwletleri barada gürrüň edilende, olaryň ählisiniň diýen ýaly öz döwlet we milli simwollarynyň (nyşanlarynyň) barlygyny bellemek gerek. Döwlet simwollarynyň iň esasylarynyň hataryna döwlet baýdagy (tugy), döwlet gerbi (tugrasy) we döwlet gimni (senasy) girýär. Her bir döwlet öz döwlet simwollarynda öz taryhy gelip çykyşyny, milli,medeni, syýasy we ykdysady aýratynlyklaryny simwoliki görnüşde aňlatmaga çalyşýar.

Syýasy ulgamlaryň görnüşleri. Syýasy sistema (ulgam) häkimiýetiň hereket ediş we ýaşaýyş usulydyr, ýagny onuň jemgyýetiň durmuşynda hakyky görnüşde ýüze çykmasydyr. Syýasy sistemanyň esasan, iki sany görnüşi, ýagny monosentristik syýasy sistema we plýuralistik syýasy sistema görnüşleri bar.

*Monosentristik* (mono-ýeke, senter-merkez) syýasy sistema adyndan hem görnüşi ýaly, häkimiýetiň bir merkezden amal edinýändigini aňladýar. Şu görnüşli syýasy sistema piramidany ýatladyp, onuň çür depesine iň esasy, ýagny häkimiýeti dolulygyna elde saklaýan, aýratyn bir şahsyýet ýa-da topar ýerleşýär, ondan aşakda ýerine ýetiriji edaralar, iň aşagynda bolsa halk ýerleşýär. Başgaça aýdylanda, ýokary häkimiýet buýurýar, ýerine ýetiriji häkimiýet ol buýrugy aşaky gatlaga, ýagny halka ýetirýär, halk bolsa oňa boýun bolýar.

*Plýuralistik* (*pluralis*-latyn sözi bolup köplük man.) görnüşli syýasy sistema syýasy durmuşyň dürli syýasy edaralar arkaly ýöredilýänligini, jemgyýetde syýasaty amal etmeklige bolan garaýyşlaryň dürli görnüşleriniň barlygyny aňladýar.

Döwlet dolandyryşy tapawutly aýratynlyklary boýunça:

1) Monarhiýa;
2) Konstitusion monarhiýa;
3) Absolýut monarhiýa;
4) Respublika;
5) Prezident respublika;
6) Parlament respublikasyna bölünýär.

*Monarhiýa* diýlende, ýokary häkimiýetiň doly, bölekleýin ýa-da şertli görnüşinde ýeke-täk döwlet baştutanynyň-monarhyň elinde jemlenmegine düşünilýär. Döwletiň bu görnüşi gadymy döwürlerde ilkinji dörän döwlet gurluşy bolup durýar. Dürli döwürlerde, dürli ýurtlarda monarh sezar (1), imperator (2),

1

1 Sezar-„caesar-bu patyşa“ diýen grek sözünden we Rimiň tanymal goşunbaşysy Gaý Ýuliý Sezaryň (Caesar) adyndan gelip çykan adalga;

2 Imperator-„imperator-hökumdar“ diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

bazilews, patyşa, kaýzer, korol (1), knýaz, han, şa, soltan, emir,inka ýaly dürli atlar bilen atlandyrylypdyr. Häzirki döwürde şertli monarhiýa döwletleriniň mysaly hökmünde Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen korollygyny, Şwesiýany, Norwegiýany, Belgiýany, Ýaponiýany görkezmek bolar.Bu döwletlerde monarhiýanyň *Konstitusion monarhiýa* görnüşi hereket etmek bilen, monarh bu döwletlerde döwletiň simwoly we däp-dessurlaryň kepili hökmünde çykyş edýär.

*Konstitusion monarhiýa* bolsa monarhyň häkimiýetiniň şertli bolup, döwleti dolandyrmagyň parlament we parlament tarapyndan düzülen hökümet, ýagny ministrler kabineti tarapyndan amala aşyrylmagydyr. Şeýle döwletlerde demokratik, hukuk döwletiniň ähli alamatlary bardyr. Monarh bolsa ýokarda bellenip geçilişi ýaly, döwletiň simwoly hem-de milletiň däp-dessurlarynyň kepili hökmünde çykyş edýändir.

*Absolýut* (2) *monarhiýa* diýlip döwlet häkimiýetiniň ähli şahalarynyň ýagny kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetiniň diňe monarhyň ygtyýarlygynda jemlenmegine, döwleti dolandyrmagyň wekilçilikli edaralarynyň bozulmagyna, eger wekilçilikli edaralar bolaýan ýagdaýynda hem olarda hiç-hili häkimlik ygtyýarlyklarynyň bolmazlygyna düşünilýär. Mysal üçin, biziň eýýamymyzdan öň 100-44-nji ýyllar aralykda ýaşap geçen we b.e.ö. 49-44-nji ýyllarynda ägirt uly Rim imperiýasynyň ýeke-täk hökümdary bolan Gaý Ýuliý Sezaryň döwründe döwlet häkimiýetiniň resmi taýdan ykrar edilen senat, konsullar, tribunlar ýaly wekilçilikli edaralarynyň bolandygyna garamazdan tutuş döwlet häkimiýeti Ýuliý Sezaryň elinde jemlenipdir. 1643-1715-nji ýyllar aralykda Fransiýanyň koroly bolan Lýudowik XIV-niň „Döwlet bu mendirin“ diýen jümlesi absolýut monarhiýanyň iň gysga aňlatmasy bolup durýar.

*Respublika*. Ýokary döwlet häkimiýeti belli bir möhlete saýlanan wekillerden düzülen we baştutanlygynda prezident durýan edaralara degişli bolan döwlet dolandyryşynyň görnüşine *respublika* diýilýär. Latynçadan rerjime edilende *respublika-jemgyýetçilik işi* diýen manyny aňladýar. Bu adalgany döreden adam gadymy Rim danasy *Mark Tulliý Siserondyr* (3) .Ol özüniň ylmy işlerinde döwlete diňe bir jemgiýetiň umumy bähbitleriniň belli bir ugra gönükmegi we şol bähbitleriň aňlatmasy hökmünde garaman, eýsem-de bolsa döwlete anyk hukuk gurluşy, kesgitli hukuk tertibi hem-de *res populi* – halkyň baýlygy hökmünde garapdyr. Döwletleriň bu görnüşi gadym zamanlarda döräp, häzirki güne çenli hem hereket edip gelýärler. Respublika mahsus bolan döwlet gurluşynyň ilkinji alamatlary b.e.öň IV-III asyrlarda Mesopotamiýada (Derýaralygynda) dörän Eşnunna, Nippur, Ur, Uruk, Larsa, Lagaş, Kiş, Şuruppak, Umma ýaly şumerleriň şäher-döwletlerinde emele gelipdir. Respublika görnüşindäki döwlet dolandyryşynda demokratiýanyň nusgawy düşünjede ornaşdyrylmagy bolsa grek şäher-döwletlerinde amala aşyrylypdyr.

---

1 Korol-742-814-nji ýyllarda ýaşap geçen, fransuz patyşasy Beýik Karlyň (Carolus Magnus) adyndan gelip çykyp, soňra Ýewropanyň patyşalarynyň şertli unwanyna (titulyna) öwrülen adalga;

2 Absolýut-„absolutus-doly, çäklendirilmedik“ diýen latyn sözünden gelip çykyp, çäklendirilmedik zatlary, düşünjeleri aňladýar.

3 Mark Tulliý Siseron b.e.öň 106-43-nji ýyllarda ýaşap geçen gadymy Rim hukukçysy, filosofy we ýazyjy-şahyry;

Häzirki zaman döwletleriniň aglaba köpüsinde döwlet dolandyryşy respublika görnüşinde amala aşyrylýar. Respublikalaryň bolsa esasy üç görnüşi bardyr:

1) Prezident respublikasy;
2) Parlament respublikasy;
3) Gatyşyk ýa-da prezident-parlament respublikasy;

*Prezident respublikasy* – bu döwlet häkimiýet bölünişiginde ýerine ýetiriji häkimiýetiniň hem-de döwletiň baştutany hökmünde çykyş edýän prezidentiň döwlet häkimiýetiň kanun çykaryjy we kazyýet häkimiýetlerine garanyňda has giň ygtyýarlyklardan peýdalanmagynda amala aşyrylýan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir. Türkmenistanyň Kostitusiýasynda döwleti dolandyrmagyň *prezident (1) respublikasy* görnüşinde amala aşyrylmagy diýlende döwlet we hukuk taglymatyndan hem-de döwlet gurluşy babatda dünýä tejribesinden gelip çykyşyna görä, döwletde tutuş döwlet işini amala aşyrmakda döwlet häkimýet ygtyýarlyklarynyň köpüsiniň ýerine ýetiriji häkimýetiň we döwletiň baştutany bolan prezidentiň ygtyýarlyklary hökmünde kanun esasynda berkidilýändigini, şonuň ýaly-da milli garaşsyzlygyň we ýurt bitewiliginiň, Kostitusiýanyň we halkara borçnamalarynyň berjaý edilmeginiň kepili hökmünde prezidentiň çykyş edýändigini aňladýar.

*Parlament respublikasy* – bu döwlet häkimiýet bölnüşiginde kanun çykaryjy häkimiýeti özünde jemleýän parlamentiň ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine garanyňda has giň ygtyýarlyklardan peýdalanmagynda amala aşyrylýan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir. Germaniýa, Hindistan, Islandiýa, Italiýa, Türkiýe, Şwesariýa parlament respublikasy esasynda dolandyrylýan döwletleridir. *Garyşyk ýa-da prezident-parlament respublikasy* – bu döwlet häkimiýet bölünişiginde kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleriniň ygtyýarlyklarynyň deňagramlaşdyrylmagynda amala aşyrylýan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir.

Döwlet gurluşynyň aýratynlyklary boýunça:

1) Unitar;
2) Federatiw;
3) Konfederatiw;

*Unitar döwlet* diýlende ýurduň bütin çägi ýerli dolandyryş edaralarynyň kömegi bilen merkezi häkimýet-dolandyryş edarasy tarapyndan dolandyrylýar, berk merkezleşdirilen döwlete düşünilýär. Bu adalga *unitar*-bütewi*(2)* diýen manyny aňladýan latyn sözünden emele gelendir. Unitar döwletiň anyk mysaly hökmünde biziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän Belorussiýa, Ermenistan, Gazagystan ýaly döwletleri görkezmek bolar.

*Federasiýa* adalgasy bolsa federatio-birleşik, bileleşik diýen latyn sözünden emele gelip, özbaşdak döwletleri ýa-da döwlete çalymdaş gurluşlary, ýagny dürli döwletlerde *respublikalar, ýerler, ştatlar, ülkeler, kontonlar* diýlip dürli atlar bilen atlandyrylýan hem-de çäklendirilen syýasy özbaşdaklyk hukugyndan peýdalanýan, emma suwereniteti, ýagny özygtyýarlygy bolmadyk federasiýanyň subýektlerini öz

---

*1.Prezident"praesidens-öňde oturýar" diýen latyn sözünden gelip çykyp, döwlet baştutanyny ýa-da bir birleşmäniň ýolbaşçysyny aňladýar.*

*2. Римское право Учебник.Москва. 2000 ý. 97-nji sahypa*

düzüminde jemleýän, çylşyrymly bileleşik-döwleti aňladýar. Mälim bolşy ýaly, federasiýanyň bir bütewi konstitusiýasy, merkezleşdirilen federal döwlet dolandyryş edaralary, ýeke-täk raýatlygy, ýeke-täk pul birligi, bir bütewi ykdysady giňişligi bolýar, şol bir wagtda-da federasiýasynyň subýektleriniň özleriniň *legislatura, landtag, ýerli duma* ýaly atlar bilen atlandyrylýan kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet edaralary, federasiýanyň beýleki subýektleriniň kanunçylyk ulgamynda tapawutlanýan kanunçylygy bolup bilýär. Emma muňa garamazdan, federal konstituýa we federal kanunlar subýektleriň kanunlary babatda *primat* (1), ýagny agalyk ediji kada hökmünde çykyş edýärler. Federasiýasyny, Germaniýa Federatiw Respublikasyny, Kanadany görkezmek bolar.

*Konfederasiýa* - bu *confoederatio*-birleşik diýen latyn sözünden gelip çykyp, umumy bähbitleri goramak we üpjün etmek maksady bilen döredilen, öz ygtyýarly hem garaşsyz döwletleriň wagtlaýyn birleşmesidir. Konfederasiýanyň düzümine girýän döwletler umumy daşary syýasatyny alyp barýarlar hem-de konfederasiýanyň umumy goşuny, maliýe ulgamy we häkimiýeti bolýar. Konfederasiýanyň mysaly hökmünde düzümine 29 sany özygtyýarly döwlet girýän Ýewropa Bileleşigini hem-de Şwesariýany görkezmek bolar.

Syýasy düzgüniniň aýratynlyklary boýunça:

1) Demokratik;

2) Awtoritar;

*Demokratiýa – demos*-halk *kratos*-häkimiýet diýen grek sözlerinde gelip çykan adalga bilen aňladylýan, wekilçilikli edaralar tarapyndan dolandyrylýan döwletde raýatlaryň erkinligini we deňhukuklygyny üpjün edýän syýasy düzgüne düşünilýär.

*Awtoritar* düzgün – autoritarisme-häkimiýet, täsirlilik diýen fransuz sözünden gelip çykan adalganyň astynda, bir şahsyýetiň ýeke-täk häkimýeti tarapyndan dolandyrylýan döwlet gurluşyna düşünilýär.

*Totalis*-bütewi, ähli diýen latyn sözüden gelip çykan totalitar düzgün diýen düşünje belli bir toparyň (partiýanyň) ygtyýarlygynda tutuş döwlet häkimýetiniň jemlenmegini aňladýar. Ýöne tiranlyk düzgünli we despotlyk düzgüni döwletleriň diňe taryhy geçmişde bolup, häzirki döwürde ýokdugyny belläp geçmek ýerlikli bolardy.

*Hukuk döwleti* düşünjesi ilki bilen döwletde kanunyň agalygynyň berkarar edilmegini, jemgyýetiň raýar jemgyýeti derejesine kämilleşmegini, ynsanyň – onuň mertebesiniň, tebigy hem mizemez hukuklarynyň döwlet üçin ýokary baş gymmatlyk hökmünde görülmegini aňladýar. *Kanunyň agalygy diýmek*-döwletde halk köpçüliginiň we her bir şahsyýetiň bäbidini nazarda tutmak bilen şeýle-de dünýä bileleşiginiň ykrar eden hem Birleşen Milletler Guramasynyň kabul eden ylalaşyklarynyň ynsanperwer kadalaryndan ugur alyp, döwletiň kanun çykaryjy edarasy tarapyndan kabul edilen Konstitusiýanyň we ähli kanunlaryň hemmeler tarapyndan deň derejede berjaý edilmegi kanunyň döwletiň bütin çäginde hüküm

1 Primat-"primatus-birinji ýer, ýaşulylyk" diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir zat babatda birinjiligi, ululygy, aetykmaçlygy aňladýar.

sürmegi,jemgyýetde we döwletde kanunyň ähli zatdan belentde durmagy diýmekdir.

*Dünýewi döwlet*– munuň özi döwletiň dinleriň we dine uýmagyň erkinligini, olaryň kanunyň öňünde deňligini kepillendirýändigini, dini guramalaryň döwletden aýrydygyny we olaryň döwletiň işlerine gatyşmagyna hem-de döwlet işlerini ýerine ýetirmegine ýol berilmeýändigini, şeýle hem döwletiň bilim ulgamynyň dini guramalardan aýrydygyny we onuň dünýewi häsiýete eýedigini aňladýar.

*Daşary syýasat*-döwletiň beýleki döwletler, halkara guramalary bilen alyp barýan gatnaşyklaryň jemine, şeýle hem döwletiň halkara gatnaşyklarynda ýöredýän umumy ugruna düşünilýär.

*Içerki syýasat*- bu döwletiň alyp barýan ähli içerki işleriniň jemi we milli ykdysadyýetini, hukuk ulgamyny, medeniýetini, halkynyň sosoial üpjünçiligini kesgitlemekde, olary ösdürmekde goldanýan esasy ýörelgeleridir. Döwletiň içeri we daşary syýasatyny özbaşdak amala aşyrmagy bolsa döwletiň özygtyýarlygyndan gelip çykýar.

*Döwletiň esasy alamatlary:*

1. Çäklendirilen territoriýa;
2. Halk;
3. Özygtyýarlylyk we häkimiýet;

Taryhyň ähli döwürlerinde döwlet hemişe bolup durmandyr. Mysal üçin: ilkidurmuş obşina gurluşy wagtynda şunuň ýaly guramanyň bolmagyna zerurlyk ýok eken, çünki hususy eýeçilik, duşmançylykly synplar bolmandyr. Jemgyýetiň işlerini jemgyýetiň ýa-da urugyň has hormatlanýan we abraýly çlenleri dolandyrypdyrlar.

Diýmek, döwlet-taryhy hadysadyr. Ol hususy eýeçiligiň we emläk taýdan deňsizligiň peýda bolmagy netijesinde ýüze çykypdyr, emläk taýdandeňsizlik bolsa jemgyýetiň biri-birine duşmançylykly synplara bölünmegine getiripdir. Döwlet jemgyýetde antogonistik synplar peýda bolan mahalynda ýüze çykýar diýip, W.I.Lenin özüniň „Döwlet we rewolýusiýa“ diýen eserinde ýazdy. Döwlet synpy garşylyklaryň barlyşyksyzlygynyň önümidir.

Döwlet bilen birlikde hukuk-jemgyýetde adamlaryň özlerini alyp barşynyň normalarynyň (kanunlarynyň) belli bir jemi hem ýüze çykýar. Bu normalar döwlet tarapyndan bellenilip, olary ýerine ýetirmeklik jemgyýetiň her bir çleni üçin hökmandyr. Synpy jemgyýetde hukuk hemişe agalyk sürüji synpyň erk-islegini aňladyp gelýär. Ekspluatatorçylyk döwletde hukuk ekspluatatorlaryň erk-islegini aňladýar.

Buržuaziýanyň ideologlary döwletiň göýä barlylara-da, garyplara-da deň derejede hyzmat edýändigini subut etjek bolýardylar. Hakykatda bolsa ekspluatatorçylyk jemgyýetde döwlet hususy eýeçiligi goramak üçin döredilendir. Onuň esasy wezipesi ekspluatirlenilýän köpçüligi boýun bolmak ýagdaýynda saklamakdan ybaratdyr. W.I.Lenin „Döwletiň özi synpyň üstünden beýleki synpyň agalyk sürmegini goldamak üçin maşyndyr“ diýip belläpdi.

Döwletiň düýp manysy onuň ýerine ýetirýän funksiýalaryndan ýüze çykýar. Şonuň ýaly funksiýalar iki hilidir – içerki funksiýa we daşarky funksiýadyr. Döwletiň içerki funksiýasy esasy funksiýadyr. Antogonistik jemgyýetde ol ekspluatirlenýän köpçüligi basyp ýatyrmaga gönükdirlende. Daşarky funksiýa içerki funksiýadan gelip çykýar, ony dowam etdirýär, onuň üstüni ýetirýär. Ekspluatatorçylyk döwletde bu funksiýanyň maksady keseki territorýalary basyp almakdan we öz ýerlerini beýleki döwletleriň çozuşyndan goramakdan ybaratdyr.

Döwletler özleriniň tipi boýunça we dolandyryş formalary boýunça hem bölünýärler. Döwletiň tipi jemgyýetiň ykdysady bazisi we önümçilik gatnaşyklary bilen kesgitlenýär. Döwletiň şol tipi döwletiň synpy tebigatyny aňladýar, ýagny döwletiň haýsy synpa hyzmat edýändigini görkezýär. Ekspluatatorçylyk jemgyýetde döwletiň üç tipi- gul eýeçilik döwleti, feodalçylyk döwleti we kapitalistik döwleti bardyr. Bu tipleriň her birine dürli dolandyryş formalary (häkimiýet organlarynyň dürli syýasy düzgün) mahsusdyr.

Döwlet apparatynyň monopoliýalar bilen birikmek prosesi monopolistik kapitalizmiň döwlet-monopolistik kapitalizme öwrülmegini aňladýar. Döwlet monopoliýalara ykdysadyýet sferasynda-da, syýasy sferasynda-da çäklendirilmedik häkimiýet berýär. Häzirki zaman buržuaz döwleti hakykat ýüzünde monopolistik buržuaziýanyň işlerini dolandyryjy birhili komitete öwrüldi.Monopoliýalaryň döwlet bilen birikmegi proletar hereketiniň we milli azatlyk göreşiniň öňküsinden-de has rehimsizlik bilen basyp ýatyrylmagyna, täze agressiw uruşlaryň taýýarlanyllmagyna we turzulmagyna alyp barýar. Imperialistik döwlet monopolistleriň täsirine düşüp, hatda bir wagtlar zähmetkeşleriň peýdalanyp gelen formal hukuklaryny hem her hili ýol bilen çäklendirýär.

Döwlet iň gadymy syýasy edaralaryň biridir. Ilkinji döwletler gadym zamanlarda Gündogarda döräpdir. Dünýäniň halklary öz taryhy geçmişleriniň dowamynda döwlet gurluşynyň gaty köp görnüşlerini ulanyp görüpdirler, döwletsiz ýaşamagyň kynlygyna ýa-da bolmaýanlygyna göz ýetiripdirler. Döwletiň haýsy zerurlyk esasynda döränligi hakyndaky mesele adamlary gadym döwletlerden bäri gyzyklandyryp gelipdir. Gadymy grek akyldary Aristotel döwletiň döreýşini tebigi hadysa hökmünde düşündiripdir. Onuň pikirine görä, tebigatyň özi adamlary jübütleýin birleşmäge itekläp, maşgalanyň döremegine sebäp bolupdyr. Emele gelen maşgalalaryň birnäçesi birleşip, bir umumylygy emele getiripdir.

Döwletiň döreýşi baradaky meseleden onuň esasy wezipeleri baradaky meselä geçeliň. Jemgyýetiň iň esasy edarasy hökmünde her bir döwlet içerki we daşarky wezipeleri çözmäge borçludyr. Onuň içerki wezipelerine şu aşakdakylar girýär:

- emele gelen jemgyýetçilik gurluşyny gorap saklamak;
- jemgyýetiň ykdysady durmuşyny düzgünleşdirmek;
- jemgyýetiň ýaşaýyş durmuşy üçin zerur bolan kada-kanunlary we hukuk düzgünlerini işläp düzmek we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek.

**6-njy tema.Demokratiýa**
2 sagat

M e ý i l n a m a:

1.Demokratiýa döwlet dolandyryş sistemasy.

2.Demokratiýanyň häsiýetli alamatlary.

3. Demokratiýanyň dolandyryş formalary.

4.Syýasy plýuralizm (köppikirlilik) düşünjesi.

E d e b i ý a t:

1.Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap.-A; 2008.ý.
2.Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. – Aşgabat, 2007.ý.
3.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. (Gysgaça terjimehaly). –Aşgabat, 2007.ý.
4.Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama –Aşgabat, 2001.ý.
5.Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap).-Aşgabat, 2004.ý.
6.Политология .(Авторефераты) - М; 1998.г.
7.Основы политологии. – М; 1992.г.
8.История политических и правовых учений. – М; 1988.г.
9.Политическиая социология. (Для студентов вузов). – Ростов н/Д. 1997.г.
10.Политология. Экзаменационные ответы. – М; 2004.г.

Demokratiýa häzirkizaman dünýä ýüzünde dowlet dolandyryş ulgamynda iň bir ýörgünli, kämil ulgam hasaplanýar. *Demokratiýa* düşünjesi *( demos-halk we kratos-häkimiýet* diýen manylary berýän gadymy grek sözlerinden) syýasaty öwreniş ylmynyň iň ýörgünli adalgalarynyň biridir. Demokratiýanyň manysy, mazmuny, ölçegleri, onuň artykmaç we ýetmez taraplary, esasy şertleri dogrusyndaky meseleler adamzady gadym döwürlerinden bäri gyzyklandyryp gelipdir. Demokratiýanyň şertleri barada gürrüň edilende, ilkinji nobatda, jemgyýetde bazar ykdysadyýetiň ýöredilmeginiň zerurlygy göz öňünde tutulýar.

Demokratiýanyň mehanizimlerine saýlawlaryň erkinligi, ýagny her bir raýatyň öz islegine görä ses bermäge bolan hukugy, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň *(radionyň, telewidenýäniň, gazetleriň, we žurnallaryň)* erkinligi we köppartiýalylyk sistemasyna degişlidir.

Demokratik jemgyýetde köpçülikleýin habar beriş serişdelerine aýratyn orun degişlidir. Döwlete garaşsyz, özbaşdak, erkin hareket edýän habar beriş serişdeleri halky jemgyýetçilik durmuşynyň ähli taraplary, şol sanda häkimieýetiniň işleýşi dogrusyndaky maglumatlary we dürli garaýyşlary (hatda tankydy garaýyşlary-da) halka ýetirip, adamlaryň dünýägaraýyşyna öz täsirini ýetirýär. Netijede, adamlaryň aňynda jemgyýet barada, esasan-da, häkimiýet barada giňişleýin garaýyşlar emele gelýär. Şol sebäpli-de köpçülikleýin habar beriş serişdelerine kähalatlarda dördünji häkimiýet hem diýilýär.

Demokratik jemgyýetler üçin köppartiýalyk, ýagny jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň adyndan çykyş edýän birnäçe syýasy toparlaryň (esasan, syýasy partiýalar,dürli görnüşli jemgyýetçilik guramalarynyň) bolmaklygy häsiýetlidir. Ýöne bir partiýalyk ýagdaýynda-da jemgyýet demokratik häsiýete eýe bolup bilýär. Mysal üçin, Türkmenistan we käbir arap döwletleri bir syýasy partiýaly döwletlerdir.

Demokratik jemgyýetde halk bilen häkimiýetiň özara gatnaşyklary kabul edilen kanunlardyr düzgünler arkaly kadallaşdyrylýar. Şeýle jemgyýetde häkimiýetiň öz içki gurluşy häkimiýet bölünişigi ýörelgesi esasynda alnyp barylýar. Bu ýörelgeden ugur alynmagy häkimiýetiň bir elde jemlenilmek howpunyň öňüni almak bilen baglanyşyklydyr. Häkimiýet bölünişigi dogrusyndaky pikir ilkinji gezek XVII asyrda peýda bolýar. Ýöne onuň hakyky manysy doly görnüşde fransuz akyldary *Şarl Lui Monteskýe* (1689-1755) tarapyndan açylyp görkezilýär. Ol özüniň „*Kanunlaryň ruhy hakynda*“ atly eserinde häkimiýete eýe bolan her bir adamyň häkimiýeti başardygyça öz peýdasyna ulanmaklyga we öz elinde uzak wagt saklamaklyga çalyşýandygyny belläp, şeýle eden-etdiligiň öňüni almaklygyň ýoly hökmünde häkimiýet bölünişigini geçirmekligiň zerurlygyny tekrarlaýar. Soňra Şarl Lui Monteskýe häkimiýetiniň ygtyýarlyklaryny üç topara bölüp, häkimiýetiň üç sany şahadan ybarat bolmagyny, ýagny:

1) Kanun çykaryjy;

2) Ýerine ýetiriji;

3) Sud (kazyýet) häkimiýetlerine bölünmelidigi baradaky pikiri öňe sürýär. Häkimiýetiň her bir şahasyny kanun boýunça özüne degişli ygtyýarlyklaryň çäginde hereket edip, biri-birine garaşsyz bolmaly. Şeýle bölünişik şertlerinde hereket

edýän häkimiýet bir elde jemlenip bilmeýär. Häkimiýetde özboluşly deňagramlyk emele gelýär.

Demokratiýanyň etimologik düşünjesinde has giň ikinji traktowkasy islendik gurama agzalarynyň oňa deňhukukly gatnaşmagy hem-de ondaky kabul edilýän kararlaryň köpçülik tarapyndan kabul edilmegine esaslanýan traktowka düşünilýär. Demokratiýa döwlet dolandyrylyşynyň kämil formasy hökmünde şu häsiýetleri özünde jemleýär:

1) Halkyň ýokary häkimiýetliliginiň onuň özbaşdaklylygynyň ýuridik taýdan ykrar edilmegi;
2) Döwletiň esasy guramalarynyň döwürleýin saýlawlylygy;
3) Ýokary häkimiýeti dolandyrýan adamyň belli bir möhlet bilen saýlanýan döwlet dolandyryş formasy hökmünde;
4) Döwlet dolandyrmaga, gatnaşmaga raýatlaryň gyradeň hukugunyň bolmagy-bu prinsip saýlaw hukugynyň deňliligini kepillendirýär;
5) Kararlaryň köpçüligiň erk-islegi bilen kabul edilmegi we olaryň amala aşyrylmagynda azlygyň köplüge boýun etmegi.

*Nikkola Makiawelli* (1469-1527) Galkynyş döwrüniň görnükli syýasaty öwrenijileriniň, filsoflarynyň biri bolýar. Makiawelliniň syýasaty öwreniş ylmyna goşan goşandy çäksizdir, ol ilkinji bolup ylma „*stato*“ diýen termini girizýär. Bu termin „dowlet“ diýen manyny aňladyp, alym döwlet dolandyryş ulgamynda kanuny häkimiýete aýratyn uly üns berýär. Oňa dünýewi döwletiň gerekligini esaslandyrmaklyk degişli bolýar. Ol adamlary herekete iteriji güýç bolup egoizmiň, maddy bähbitleriň çykyş edýändiklerini nygtapdyr.

Ilkibaşda adamlara, Makiawelliniň pikiriçe, her hili ýollar bilen baýlaşmaklyga bolan höwes häsiýetli bolanlygy sebäpli, bu ýerdäki adam hyjuwlaryny aýratyn güýç bilen çäklendirmeklik gerek bolýar. Şeýle güýç hökmünde döwlet çykyş edýär. Serkow tarapyndan däl-de, diňe döwlet tarapyndan terbiýeläp bolýan hukuk, adamlaryň ýuridiki dünýägaraýşy jemgyýetde gerek bolan düzgüni ýola goýýar. Özüniň „*Hökümdar*“ atly eserinde Makiawelli ilatyň içinde raýat goldawlylygy pes şertinde güýçli döwleti döretmekligiň mümkinçiliklerine garaýar. Şol mümkinçilikleriň içinde akyldar hökümdaryň öz raýatlaryna degişlilikdäki hereketiniň üstünde durup geçýär. Şonda ol paýhasly hökümdaryň, özüni döwletden aýryp biljek nogsanlyklardan daşda durmagynyň we beýlekilerden saklanmagynyň gerekligini belleýär. Mysal üçin, tarhan hökümdar adyna eýe bolmaklyk gowy zat, ýöne kimde kim şol ada eýe boljak bolup tarhanlygy ýüze çykarýan bolsa, ol özüne zelel ýetirýär.

Şonuň ýaly-da Makiawelli: „Söýgä ynam döretmek gowymy ýa-da gorka?“, „Ýigrençden neneňsi daşda durup bolar?“, „Hökümdar özüni hormatlamaklary üçin nähili hereket etmeli?“, „Hökümdaryň maslahatçylary“,Ýaranjaňlykdan neneňsi daşda durmaly ?“ we belki soragalara hem garaýar. Mysal üçin ol hökümdaryň „ paýhasy barada ilki bilen onuň nähili adamlary özüne ýakynlaşdyrylýandygy bilen baha berýänler“diýýär . Parasatly hökimdaryň hiç zatdan çekinmän öz pikirini aýdyp bijýän paýhasly adamlaryň birnäçesini özine ýakynlaşdyrmagynyň gerekligini belleýär. Ýöne hökümdar meseläniň çözgidine özine ýetmeli.

Makiawelli syýasy maksatlary gazanmaklyk üçin ähli serişdeler ulanyp bolýar diýen netijä gelýär. Hökimdar öz hereketinde kabul edilen ahlak ýörelgelerinden ugur almaly bolanlygyna garamazdan döwleti berkitmelige hyzmat edýän bolsa syýasatda olary hasaba alman hem biler. Makiawelliniň şu hili garaýşy soňra ýazgaryjy makiawellizm adyna eýe boldy.Ýöne syýasatda ulanylýan hapa serişdelere Makiawelliniň tapan zady dälde. Olar adamzat taryhynda örän kän duşýarlar.

German sosiýal-demokratiýasynyň teoretigi we lideri *Eduard Bernşteýn* (1850-1932) "Sosializimiň meseleleri „ atly işinde demokratiýa hem käbir düşündirişleri beripdir. Fransuz syýasaty öwreniji, sosiolog, taryhçy we teoretik *Aleksis Tokwil* (1805-1859) 1831-nji ýylda iş sapary bilen ABŞ-a ugradylýar şol ýerde bolsa „Amerkada demokratiýa" diýen kitabyny ýazýar. Demokratiýa, onuň pikiriçe, diňe bir erkinlik bilen çäklenmeýär. Eýsem, ol raýatlaryň birek-biregi bilen agzybirligini üpjün etmekligidir.

Hukuk taglymatynda adamyň we raýatyň hukuklarynyň bolmagy olaryň borçlarynyň bolmagy bilen gönüden-gönü baglanyşyklydyr. Sebäbi, döwlet adamyň we raýatyň hukuklaryny hem azatlyklaryny kepillendirmek üçin olary belli bir hereketleri etmäge ýa-da belli bir hereketleri etmekden saklamaga borçly etmeli bolýar. Eger-de adam hiç-hili borçlary berjaý etmezden diňe hukuklardan peýdalansa onda jemgiýetde düzgün-tertibi üpjün edip bolmaýar. Şonuň üçin hem kanun adamyň we raýatyň öňünde kanunlary berjaý etmek , salgytlary we gaýry tölegleri tölemek, döwletiň goranmak ulgamynyň kadaly hereket etmegini üpjün etmek üçin harby gullygy geçmek, daşky gurşawy goramak, milli-däp-dessurlry hormatlamak ýaly borçlary goýýar.Çünki döwlet özüniň kadaly hereket etmegini we jemgiýetini dolandyrmak babatda öz wezipelerini talaba laýyk berjaý etmek işini diňe adamlaryň üsti bilen amala aşyryp bilýär. Sebäbi döwleti hem, jemgiýeti hem adamlar emele getirýänler. Döwletiň ähli mehanizmleri, edaralary hem adamlardan ybaratdyr. Eger adamlar bolmasa, döwletiň hukuk goraýyş ulgamy hem ýok, kanunçykaryş ulgamy hem ýok. Bu ulgamlaryň emele gelmegini we kadaly işlemegini üpjün etmek üçin bolsa döwlet görkezilen borçlary döredýär hem-de olaryň hemmeler tarapyndan doly we gyşarnyksyz berjaý edilmegini ýola goýýar.

Mälim bolşy ýaly, *borç*-bu adamyň belli bir hereketleri etmäge ýa-da şol hereketleri etmekden saklanmaga bolan mejburylygydyr. Şol mejburylyk ýüze çykmagynyň esasy, görnüşi we häsýeti sosial kadalar dürli görnüşleri bilen kesgitlenýär. Mysal üçin, ahlak borçlary – jemgyýetçilik ulagynda ululara ýaşkiçileriň hormat bilen öz ornuny bermegi , hukuk borçlary – ýol hereketiniň düzgünlerini bozmazlyk we ş.m. *Konstitusion borç* – bu, anyk döwletiň öz çäginde bolýan ähli adamlardan takyk hereketleri etmek ýa-da şeýle hereketleri etmekden saklanmak babatda konstitusion-hukuk kadalarynda berkidilen talaplardyr.

**7-nji tema. Syýasy partiýalar we syýasy hereketler**
2 sagat

M e ý i l n a m a:

1.Syýasy partiýalar we olaryň görnüşleri.

2.Syýasy partiýalaryň funksiýalary.

3. Syýasy hereket düşünjesi.

Esasy meseleler:

Syýasy partiýa düşünjesi; jemgyýetdäki sosial bölünişik we syýasy partiýalar; dolandyryjy we oppozision partiýalar; köp partiýalaýylylyk we bir partiýalaýynlylyk.

Partiýanyň funksiýalary; partiýanyň görnüşlere bolünişi; partiýalaryň guramaçylyk gurluşy boýunça bölünişi; merkezleşdirilmedik partiýalar; köpçülikleýin merkezleşdirilen partiýalar; berk gurluşly we düzgün-tertipli , çenden aşa merkezleşdirilen partiýalar.

Partiýalaryň ideologiýalarynda syýasy maksatlara görä bölünişik; sagçy radikal partiýalar; konserwatiw partiýalar; buržuaz-liberal, buržuaz-reformistik, sosial-demokratik, çepçi-sosialistik we kommunistik partiýalar.

Partiýalaryň aňladýan bähbitlerine görä bölünişi; synpy, halky, populistik partiýalar; partiýa sistemalary; partiýa sistemesy ýurtdaky partiýalaryň arasyndaky gatnaşyklaryň bitewiligi hökmünde; bir partiýaly we köp partiýaly sistemalar.

E d e b i ý a t:

1.Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap.-A; 2008 ý.
2.Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. – Aşgabat, 2007 ý.
3.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. (Gysgaça terjimehaly). –Aşgabat, 2007 ý.
4.Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama –Aşgabat, 2001 ý.
5.Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap).-Aşgabat, 2004 ý.
6.Политология .(Авторефераты) - М; 1998 г.
7.Основы политологии. – М; 1992 г.
8.История политических и правовых учений. – М; 1988 г .
9.Политическая социология. (Для студентов вузов). – Ростов н/Д. 1997 г.
10.Политология. Экзаменационные ответы. – М; 2004 г .

Syýasy durmuşda *partiýalar* jemgyýetiň syýasy ulgamynyň möhüm düzüm bölegidir. Adatça, her bir partiýa häkimiýet ugrunda hökümdarlyk etmek üçin göreşýär. Syýasy sahnada dürli syýasy güýşler hereket edýärler, olaryň käbiri öz bähbitleri ugrunda açyk göreşýärler, olara *real güýçler* diýilýär. Käbiri bolsa gizlin hereket edýärler, *latent güýçler* diýilýär.

Syýasy sahnada real hereket edýän syýasy güýçleriň içinde has täsirlisi *partiýalardyr*. Toparlaýyn we indiwidual bähbitleri öňe sürmekde hem-de wekilçilikli nukdaýnazaryndan syýasy partiýalar raýat jemgiýetiniň esasy elementi bolup çykyş edýär. Syýasy güýçler raýat jemgiýetinde we onuň toparlarynyň bähbitlerini öňe sürip, döwlet bilen raýat jemgiýetiniň arasynda birikdirji zweno bolup hyzmat edýär.

*Syýasy partiýalar* - munuň özi belli bir maksada gulluk edýän adamlaryň uzak wagtlap toparlaýyn syýasy birleşmesidir. Her bir syýasy partiýanyň öz öňünde goýýan maksatlary, meýilnamalary bolýar. Häzirkizaman syýasy öwreniş ylmynda syýasy partiýalar XIX asyryň II ýarymynda döräpdir. Maks Weber taryhy prosesde jemggiýetde syýasy partiýalaryň syýasy institut hökümde döremegini we ýaşamagyny üç etapa bölüpdir:

1) Partiýalaryň aristokratik toparlar hökmünde ýaşamagy;
2) Syýasy klublar hökmünde ýaşamagy ;
3) Häzirki zaman köpçülikleýin partiýalar.

Häzirki zaman düşünjesindäki partiýalar XVII asyrda özünden soň gös-gönü mirasdary bolmadyk korolewa Ýelizaweta Týudoryň ölüminden soň, tagt ugrundaky jedelleriň netiçesinde döräp başlady.

*Angliýada Ýakow I Stýuart* (1603-1625) we *Karl I Stýuart* (1625-1649) öz hökümdarlyk eden döwürlerinde monarhiýa häkimiýetiniň „hudaý häsýetlidigine“ daýanypdyrlar hem-de ol häkimýeti hiç kimiň çäklendirip bilmejekdigine ynanypdyr. Ýöne iňlis jemgiýetinde beýle pikire hemmeler uýmandyrlar. Korol häkimýetiniň çäkleri ugrundaky göreş Karl I-niň parlamenti dargamagyna getirýär. 1628-nji ýyldan 1640-nji ýyllar aralygynda Beýik Britaniýada parlament ýuwaş-ýuwaşdan ýaşamagyny best edýär. Netijede 2 sany partiýa döreýär. Olaryň biri korol häkimýetini gorap çykyş edýän - kawalerler partiýasy (olar häzirki konserwatorlaryň düýbini tutujylar), ikinji partiýa bolsa „togalak kelleliler“ partiýasy (häzirki Angilýanyň liberal partiýasynyň düýbini tutujylar) olar parlament dolandyryş formasyny goldapdyrlar we buržuaziýanyň hem-de täze dworýanlaryň bähbitlerini gorapdyrlar.

ABŞ-nyň Demokratik partiýasy XIX asyryň I ýarymynda 1828-nji ýylda resmileşdirilýär. Günorta plantatorlaryň we söwda-bank toparlaryň bähbitlerini gorapdyr. Bu partiýanyň gözbaşynda ABŞ-nyň Prezidenti *Tomas Džefferson* durupdyr.

Demokratik ideologik ugur boýunça klassyk liberal partiýa bolupdyr, ýagny häkimýet raýatlaryň durmuşyna az gatnaşmaly diýen nukdaýnazardan ugur alýarlar. Ýöne XX asyryň ortalaryna çenli partiýa syýasy filosofiýasyny üýtgetdi. Eýýäm *Franklin Ruzweltin* (1933-1945) we *L.Džonsowyň* (1963-1969) döwürlerinde

demokratlar tejribede döwletiň raýat jemgiýetiniň işine gatnaşmaklarynyň çäklerini giňeltdi. ABŞ-nyň ýene bir partiýasy – Respublikan partiýa 1854-nji ýylda Prizident *Awraam Linkolnyň* (1861-1865) gös-gönü gatnaşmagynda döretdi. Ol ýurdyň kapitalistik ösüşiniň tarapdarlaryny birikdirýär we demirgazyk senagat-buržuaziýasynyň bähbitlerini öňe sürýär.

Syýasy partiýanyň alamatlary. Umumy bähbitleri bildirýän her bir adamlaryň toparyna partiýa diýip bolmaýar. Amerkan alymlary *Dž.Lapalambara we M.Weýner „Syýasy partiýalar we ösüşler“* diýen işlerinde syýasy partiýalary beýleki syýasy güýçlerden tapawutlandyrýan birnäüe alamatlary ýüze çykarypdyrlar:

1) Partiýa olaryň pikiriçe, adamlaryň uzak wagtlap birleşýän guramasydyr. Bu guramanyň uzak möhletliligi ony fraksiýadan tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär.
2) Häkimýet bilen yzygiderli aragatnaşygy üpçin edýän ýerli guramalaryň bolmagy.
3) Partiýanyň maksady – häkimýeti ele almak. Häkimýeti almak ugrundaky göreş hem partiýany beýleki jemgiýetçilik guramalaryndan we hereketlerden tapawutlandyrýar. Partiýa saýlawda häkimiýeti ele almak ugrundaky maksadyny öňde goýýar, maksadyna ýetip, häkimiýeti gazanan partiýanyň deputatlary bolsa parlamentde we hökümetde öz işine başlaýar. Beýleki jemgyýetçilik bolsa partiýa täsir etmäge çalyşýarlar we partiýadan aşakda herket edýärler.
4) Halkyň goldamagy. Partiýanyň halkyň goldamagy saýlawda ses bermekden başlap, onuň işjeň agzasy bolmak bilen tamamlanýar. Şeýle hem partiýa keskitli ideologiýany özünde jemleýär, dünýägaraýşy kemala getirýär. Syýasy partiýalar örän köpdir. Şonuň üçin hem olary tipleşdirmek şeritleýindir.

XX asryň gazanan syýasy tejribesi bir partiýa ulgamlaryň syýasy durmuşda durnukly däldigini görkezdi we olar köppartiýalyk ulgamyna öz ornuny berdi. Netijede, dünýä döwletlerinde syýasy partiýalar iki topara: *bir partiýalyga we köp partiýalyga* bölünýär. Bir partiýalyk jemgiýetiň geçiş döwri üçin häsýetlidir. Köp partiýalyluk şol jemgiýetiň, döwletiň dolandyryş ulgamynyň çylşyrymlylygyny görkezýär. Munda jemgiýet dürli gatlaklaryň elinde jemlenýär. Köppartiýalylar ýurtda saýlawlar we sala-salyşyklar döwrinde işşeň bolýar. Saýlawlar döwrinde hem her bir partiýa öz maksatlary ugrunda göreşýär. *Mysal üçin* Russiýa Federasiýasy, Turkiýa Respublikasy köp partiýaly döwletlerdir.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň Demokratik partiýasy 1991-nji ýylyň 16-nji dekabrynda döredildi. Türkmenistanyň Demokratik partiýasyna Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedow ýolbaşçylyk edýär.

Häzirki wagtda syýasy partiýalaryň birnäçe görnüşleri bar:

1. Kadrlar partiýasy.
2. Köpçilikleýin partiýalar.
3. Saýlawçylar partiýasy.
4. Dolandyrjy partiýa.
5. Oppozision partiýa.
6. Awangard partiýa.

Syýasy partiýalaryň döwletiň içinde syýasy durmuşa gatnaşmagy köp dürlidir we birsydyrgyn däldir. Häzirki zamanda umumy kabul edilen we has şowly klassifikasiýa *M.Dýuwerže* degişlidir. Ol partiýalary içki durmuşyň gurluşyna we strukturasyna esaslanyp bölüpdir. Ol kadyrlar hem-de köpçülikleýin partiýalary ýüze çykarypdyr.

Kadrlar partiýasy entek saýlaw hukuklary çäklendirlenkä döräpdir. Ýapyk syýasy giňişlikde kadrlar partiýasy häkimlik ediji sypatlaryň, ilki bile buržuwaziýanyň syýasy bähbitlerini goraýan serişde bolupdyr. Olaryň maksady saýlwlarda ýeňmek. Onuň üçin olar öz sanlaryny köpeltmäge çalyşman, saýlawçylara täsir edip biljek elitalary birleşdirmäge çalşypdyrlar.

Partiýanyň ýerne ýetirýän işi (funksiýasy).

Syýasy partiýalar jemgiýetiniň dürli ugurlarynda, ýagny ykdysady, sosiýal we medeni ösüşinde, taryhy we milli däplerinde birmeňzeş rol oýnamaýar. Şonuň üçin hem syýasy partiýalaryň birnäçe ýerine ýetirýän wezipesi (funksiýasyny) ýüze çykarmak bolýar.

1. Uly sosiýal toparlaryň bähbitleriniň emele gelmegi, esaslanmagy.
2. Uly sosiýaltoparlaryň işjeňleşmegi we ösüşi.
3. Syýasy pikirleriň, doktrinalaryň döremegi.
4. Döwletde syýasy häkimiýet ugrunda göreş.
5. Jemgiýetçilik pikiriniň emele gelmegi we jemlenmegi.
6. Jemgiýeti bitewi ýa-da bölekleýin syýasy taýdan terbiýelemek.
7. Döwlet apparaty üçin, kärdeşler arkalaşyklary üçin,jemgiýetçilik guramalary üçin kadyrlar taýýarlamak.

Diňe belli bolşy ýaly, syýasy partiýalar dürli gatlaklaryň we synplaryň bähbitlerini goramak üçin döreýär.

**8-nji tema. Syýasy aň. Syýasy özüňi alyp barş we syýasy medeniýet**
2 sagat

Meýilnama:

1. Syýasy aň düşünjesi.

2. Syýasy aňyň görnüşleri

3. Syýasy özüňi alyp barş ideýasy.

4. Syýasy medeniýet we onuň elementleri.

E d e b i ý a t :


1.Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösűşiň täze belentliklerine tarap.-A. 2008ý.
2.Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy.-Aşgabat, 2007 ý.
3.Tűrkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhammedow (Gysgaça terjimehal). – Aşgabat, 2007 ý.
4.Saparmyrat Tűrkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, 2001.
5.Saparmyrat Tűrkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap). – Aşgabat, 2004.
6.Политология. (Авторефераты). – М. 1998 г.
7.Основы политологии – М. 1992 г.
8.Истории политических и правовых учений – М. 1998 г.
9.Политическая социология.(Для студентов вузов) – Ростов н/Д. 1997 г.
10.Политология. Экзаменицонные ответы – М. 2004 г.

Ösen medeniýetli jemgyýetde syýasat adamlar üçin we adamlaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Şeýle ýagdaýlarda bolsa syýasy aňyň ähmiýeti aýdyň duýulýar. Syýasy aň syýasaty öwreniş ylymynyň iň zerur elementleriniň biridir. Sebäbi, her bir jemgyýet syýasy aňyň binýadynda kemala gelýär. *Syýasy aň*- özünde belli bir bilimleri hem-de bahalary jemleýär. Aňsyz syýasat ýokdur. Syýasy aň syýasat bilen aýtylmaz baglanyşyklydyr. Şonuň hetijesinde syýasy aň diňe bir jemgyýeetçilik görnüşinde bolman, eýsem şahsy görnüşde hem bolýandyr. Onuň kemala gelýän ilkinji çeşmesi hem maşgaladyr. Sebäbi, her bir maşgalada adama berilen ilkinji terbiýe esasynda syýasy aňyň köki emele gelýär. Hemme taraplaýyn kämil adam şol bir wagtyň özünde hem aktiw jemgyýetiň işgäridir. *Habar beriş serişdeleri* arkaly adamlar syýasy maglumatlary ýygnaýarlar. *Şahsy tejribeleriň* üsti bilen adam öz aňynda toplanan bilimleri, maglumatlary syýasy durmuşda peýdalanýar. Netijede, syýasy aňyň kemala gelmek prosesi tamamlanýar.

*Syýasy aňyň derejeleri*. Syýasy aňyň derejeleri dürli-dürli bolup, olar usulýetlerde emele gelýärler.

1) *Döwlet derejesi* – munda syýasy aň döwlet tarapyndan resmi syýasat derejesinde alnyp barylýar. Bu derejede syýasy güýçler umumy bähbitler bilen çykyş edýär. Döwlet aň düşünjesinde syýasy aň, syýasy gatnaşyklar kanunlaryň, maksatlaryň üsti bilen dolandyrylýar. Bu derejede syýasy aň kän üýtgemeýär we mümkin boldugyça özüniň yzygiderliligini saklaýar.

2) *Taglymat derejesi* – munda esasan, syýasy aň konsepsiýallardan we garaşyşlardan durýar. Bu derejede, esasan, ylym, ideologiýa bilen baglanyşyklydyr.

3) *Raýat derejesi* – bu derejede syýasy aň jemgyýetiň ýa-da aýratyn adamlaryň syýasy durmuşa bolan gatnaşygy bilen baglanyşyklydyr.

Jemgyýetiň syýasy aňynda adamlaryň gönüden-göni praktiki işi bilen durmuş-kadalaşdyryş şertleriniň aragatnaşygy öz şöhlelenmesini tapýar. Jemgyýetçilik zähmet bölünişigi adamlaryň ýaşaýyş şertlerinde we işinde düýpli tapawutlary döredýär. Şoňa göräde, emele gelen ýagdaýy saklamak zerurlygy ýüze çykýar. Bu hem öz gezeginde döwletiň emele gelmegine getirýär.

Şeýlelikde, syýasy aň adamlaryň dürli topaarlarynyň önümçilik-ykdysady we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň şöhlelenmesi hökmünde kesgitlenýär. Ünsli seredeňde bu kesgitlemede köne garaýjylaryň täsiriniň ýokdugy görünýär. Türkmenistanyň Prezidenti „Döwlet adam üçindir“ diýen täze syýasaty öňe sürdi. Bu syýasat ýurdumuzda adamlaryň agzybirligini, bitewiligini üpjün edýän täze syýasy aňy kemala getirmäge gönükdirilendir. Döwletler bir adam, her bir raýat döwletiň, jemgyýetiň ösmegine, jebislenmegine şahsy goşandyny goşmaga çalyşýar. Şeýlelikde, täze Galkynyşlar zamanasynyň syýasy aňy tebigy suratda Watançylyk aňy, Watana söýgi düşünjesi bilen utgaşyp gidýär.

*Syýasy özüňi alyp baryş* – örän çylşyrymly syýasy gurluşdyr. Onuň çylşyrymlylygy iki basgançakly gurluşdan ybaratdyr. Ol obýektiw özüňi alyp baryş hereketlerinden we olaryň subýekte düşünilmeginden düzülýär. Jemgyýetde ýaşaýan her bir adamyň syýasy özüni alyp barşy bolýar. Adam syýasy taýdan taýýarlykly bolanda syýasy özüňi alyp baryş düzgünleri kemala gelýär. Bu ýerde adamlaryň jemgyýetde we döwletde bolup geçýän syýasy wakalara özüçe bahaberip, ylym

taýdan netije çykaryp bilmekligi zerur şertdir. Onuň üçin bolsa, jemgyýetiň adamlarynyň düşünjeli, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, erkin oýlanyp-pikirlenip bilýän adamlar bolmaklygyny gazanmaly.

Syýasy özüňi alyp baryş *indiwidual, köpçülikleýin* we toparlaýyn şertlerde bolýar. Şahsyýetiň syýasy prosese gatnaşmaklygy haýal we işjeň esasda amala aşyrylýar. Totalitarizm syýasy gurluşy döwletde adamyň syýasy taýdan özüni alyp barşy gowşak bolýar. Sebäbi, totalitarizm jemgyýetiň adamlaryny köp zatlarda çaklendirýär ýa-da erkinlige ýol bermeýär. Raýatlaryň syýasy özüni alyp barşynda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň (*gazet-žurnallar, radio-telewideniýe*) orny biçak uludyr. Çünki, olar raýatlaryň syýasy özüni alyp barşyny kemala getiriji esasy talarlar hökmünde çykyş edýär.

Adam syýasy ulgamda ýaşaýar. Psiholog alymlaryň pikiriçe, adamyň özüni alyp barşy onuň syýasy ulgama bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. Adamyň syýasy özüni alyp barşyny psihologiýa ylymynyň nukdaý nazaryndan üç görnüşe bölýärler:

1. Endige görä;
2. Başarnyga görä;
3. Paýhasa görä.

1. *Endikler* – özüni alyp barşyň dogabitdi modelleridir. Syýasy sferada zalymlyk, güýç ulanmak, agalyk etmek hem endige görä, özüni alyp barşyň görnüşleridir.
2. *Syýasy başarnyklar*- bu öz ornuňy we etmeli işleriňi ýerine ýetirmek üçin zerur bolan başarnyk endikleri belli bir syýasy medenýete, şol sanda raýatlarda emele gelýär.
3. *Paýhasly hereket* – özüňi alyp barşyň üçinji bir görnüşi bolup, syýasy hereketleriň akyl ýetirerlik derjede oýlanyşykly çemeleşilmelidigini aňladýar.

Daşky sreda, idiwidiň taraplary, äheňler (motiwler), gymmatlyklar, ynam we obýektiň maksatlary kesgitlenilýär.

Hukuk aňynyň syýasy aň bilen utgaşdyrylmagy ýöne ýerden däldir. Çünki hukuk düşünjesi, hukuk medeniýeti syýasy aňyň, syýsasy medeniýetiň derejesi bilen berk baglaşyklydyr.

Hukuk aňy jemgyýetçilik aňyň görnüşi bolup, onda jemgyýetde hukugyň dürli subýekitleriniň- indiwidiň, kärhananyň, zähmet kollektiwleriniň, guramalaryň, wezipeli adamlaryň-ýuridik kanunlar, kadalar hökmünde kabul edilen sosial-ykdysady işine berilýän bahalar we olar baradaky düşünjeler aňladylýar.

Hukuk aňynyň orny syýasy we ahlak aňlarynyň aralygynda ýerleşýär. Syýasy aňdan tapawutlylykda ol, ozaly bilen, aýratyn şahsyýet kategoriýalary bilen „pikirlenýär“. Şeýle-de, ol döwlete syýasy häkimýetiň subýekti hökmünde däl-de, özüne gürrüňsiz boýun egmeklige talap edýän daşky kadalaşdyryjy güýç hökmünde goralýar. Ahlak ölçeglerinden tapawutlylykda hukuk aňynda borç we adalatlylyk düşünjeleri döwlet kanuny derejesine galdyrylýar. Olaryň bozulmagy degişli çäreleriň görülmegini göz öňünde tutýar.

Adamzat ösüşiniň irki döwürlerinde hukuk aňy ahlak däpleriniň düzünine giripdir. Soňky zamanlarda (gadymy döwletlerden biziň günlerimize çenli) hukuk

düşünjesi adalatly hukuk ideýasy bilen goşulup başlaýar. („Adalatlylyk kanunalaýyklylykdyr“. Platon). Şeýlelikde hukuk we ahlak aňlary parallel ösüp başlaýarlar.

Buržuaz hukuk ylmy, taryhda ilkinji gezek sosial adalatlylygy tebigy hukuk bilen baglanyşdyryp başlaýar. Oňa laýyklykda her bir adam gelip çykyşyna, maddy üpjünçiligine garamazdan hemmelr bilen deňhukuklydyr. Diňe şeýle ideýa kapitalistik önümçiliginiň bähbitlerine laýyk gelýärdi, çünki şahsy inisiatiwa ýol açmazdan senagat ösüşini doly üpjün etmek mümkin däl. Burňuaz kanun çykaryjylygyň taryhy progressiw ähmiýeti-de hut şundan ybaratdyr.

Türkmenistan bazar gatnaşyklaryny gurýar. Ýurduň jemgyýetçilik ýaşaýşynyň barha demokratiýalaşdyrylmagy özüne laýyk kanunçylyk esaslaryny, kanunçylyk medenýetini talap etdi. 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk maslahatynyň mejlisinde kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy hut medeniýeti olaryň kanunçylygy özleşdirişleri bilen bagly bolýar. Adam hukuklary we borçlary, olaryň berjaý edilşine gözegçilik, şeýle-de döwletiň hukuk binýatlaryny halkyň milli däplerine laýyklaşdyrmak Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk syýasatynyň özeni bolup, ol kanunçylygyň ynsanperwerleşdirilmegini, hukuk düzgünleriniň ahlak ýörelgeleri ýaly raýatlaryň aňyna siňmegini gazanmakdan ybaratdyr.

Islendik döwlet öz syýasy ideologiýasyny (aňyýetini) jemgyýetiň içine wagyz-nesihat ediş edaralarynyň we serişdeleriniň (okuw we terbiýeçilik edaralarynyň, radionyň we telewideniýänyň, gazet-žurnallaryň, sungat we medeni edaralarynyň) üsti bilen ýaýradýar we ornaşdyrýar. Köp ýutlarda syýasy aňyýeti halka ýetirmekde esasy orun şol ýurtda agalyk edýän syýasy partiýa degişli bolýar. Syýasy aňyýet jemgyýeti umumy bir maksada gönükdirmek we halkyň belli bir gymmatlyklary ykrar etmekligini gazanmak ýaly wezipeleri ýerine ýetirýär.

Şahsyýetiň, ilatyň, tutuş jemgyýetiň syýasat bilen baglanyşykly bolan düşünjeleriniň we garaýyşlarynyň, durmuş ýörelgeleriniň erk-islegleriniň we duýgularynyň köplügi bütewi halda jemgyýetçilik aňyny emele getirýär. Ýeri gelende aýtsak, syýasy aň jemgyýetçilik aňyň bir bölegidir.

Syýasy aňyýet we syýasy aň düşünjeleri bilen syýasy medeniýet düşünjesi aýrylmaz baglanyşyklydyr. Syýasy aňyýet işleri maksada laýyk ýöredilen halatynda ýurdyň syýasy aňy giň bolup, olar syýasatyň dürli meselelerinden dogry baş alyp çykarmagy başarlar, öz syýasy hukularyna we borçlaryna dogry düşünip, jemgyýetiň syýasy durmuşyna işjeň gatnaşýarlar. Jemgyýetiň syýasy medenýetiniň derejesi raýatlaryň öz syýasy hukuklary we borçlary hakyndaky düşünjeleriň gňligine ýa-da darlygyna, syýasata goşulmagyň tertip-düzgünleri bilen tanyşlyk derejesine görä kesgitlenilýär. Raýatlaryň syýasy medenýetiniň derejesi olaryň döwlet häkimiýetiniň edaralary bilen gatnaşygynda öz beýanyny tapýar. Halk bile döwlet häkimýetiniň arasyndaky gatnaşyk, esasan, raýatlaryň özleriniň saýlaw hukuklaryndan peýdalanylyşynda aýdyň ýüze çykýar.

Belli bir wezipä dalaşgärlik edýänleriň maksatnamalary saýlawçylary dürli toparlara bölüp bilýär. Şol maksatnamalaryň mazmunyna görä kime ses

bermelidigini kesgitleýärler. Emma saýlowçylaryň dalaşgäri öz erklerine görä saýlap almak mümkinçiligi saýlaw meselesiniň diňe bir tarapy. Saýlawlaryň netijesi saýlawlaryň geçirlişiniň dügünlerine, berlen sesleriň hasaplanylşyna hem bagly. Bu düzgünleriň we saýlaw ýörelgeleriniň toplumy saýlaw ulgamyny emele getirýär. Saýlaw ulgamlarynyň iki görnüşi bar. Olaryň birine *mažoritar* (majorite-diýen fransuz sözünden bolup, köplük diýen manyny aňladýar) ulgam, beýlekisine bolsa barabar gatnaşykly (proporsional) wekilçilik ulgamy diýilýär. Možoritar ulgama görä, her bir saýlaw okrugyndan bir adam saýlanyp bilinýär. Dalaşgäriň içinden kime saýlawçylaryň 50 göteriminden köpüsiniň sesini alan bolsa, şol dalaşgär hem saýlanylýar. Barabar gatnaşykly wekilçilik ulgamy köp syýasy partiýaly döwletlerde ulanylýar. Bu ulgama laýyklykda, saýlawçylar belli bir adama ses bermän, öz maksatnamalary bilen çykyş edýän syýasy partiýalara ses berýärler. Saýlawlaryň netijesine görä iň köp orny eýelemäge hukuk gazanýar. Beýleki partiýalara bolsa, parlamentdäki orunlar olaryň saýlawlaryň netijesinde alan sesleriniň göterimleýin möçberine görä berilýär.

„*Syýasy medeniýet*“ termini ilkinji gezek nemes filosofy Gerder tarapyndan açylýar. Ýöne, syýasy medeniýet barada ilkinji konsepsiýanyň döremegi biziň döwrümize degişlidir.

*Syýasy medeniýet*- munuň özi pikirlenmäniň, işiň syýasylaşan medeni gymmatlyklaryny jemleýän toplumydyr. Syýasy medeniýet düşünjesi örän çylşyrymly düşünjeleriň biridir. Ylymda bolsa oňa dürli hilli çemeleşilýär.

Syýasy medeniýet dürli gymmatlyklarda, maksatlarda, ideýalarda ornaşýar.Ýöne şol bir wagtda hem syýasy işde, özüňi alyp baryşda aýdyň ýüze çykýar we dowam edýär.

Syýasy medeniýeti öwrenmäge beýleki bir çemeleşişiň tarapdarlarynyň nukdaý nazaryna görä, syýasy medeniýet syýasy işiň kesgitlemeleriniň biridir.*W.A. Şegorsowyň* aýtmagyna görä: „medeniýet işiň hil tarapy hökmünde, işiň usuly hökmünde çykyş edýär, ol usul bolsa hem işe, hem onuň netijelerine gatnaşygyň bitewiligini özünde saklaýar“. Şeýle hem ol täze gymmatlyklary döretýän döredijilikli iş bilen aýny bir zat hasap edilýär. Bu ýagdaýda syýasy medeniýet ähli ryhy medeniýetiň özenini özünde jemleýär.

Biziň pikirimizçe syýasy medeniýeti işe syrykdyrmak nädogry, sebäbi her bir syýasy iş medeniýetiň nusgalary boýunça düzülmeýär. Şeýle-de işiň her bir onümni medeniýete girip durmaýar. Munuň özi syýasy medeniýeti döredijilik zerurlygyny döredýär. Ýöne döredijilik işi hem peýdaly zadam, zyýanly zadam döredip bilýär. Onsaňam syýasy medeniýeti umumy medeniýetiň özüni hasaplamagam dogry däldir. Bu ýerde syýasy medeniýeti umumy kabul edilen gymmatlyklaryň derejesine döretmek meýli bar.

Syýasy medeniýet syýasy özüňi alyp barşyň we işiň gözükmeleriniň, maksatlarynyň, gymmatlyklarynyň we formalarynyň arasyndaky durnukly gatnaşyklaryň belli bir tipidir. Syýasy medenýetiň mazmunyna maddy we ruhy komponentler girýär, ýöne onuň özeni bolup olaryň arasyndaky belli bir gatnaşyklar çykyş edýär. Syýasy medeniýetiň dowam etmeginiň özboluşly formasy syýasy özüňi alyp barşyň we işiň nusgalaryndan ybaratdyr.

*Syýasy ideologiýa* syýasy aňyň iň bir täsirli formalarynyň biridir. Bu termini syýasaty öwreniş ylymyna XVII asyrda fransuz alymy *A.Treýsi* girizýär.Döwletleriň kemala gelmeginde we ösüşinde syýasy ideologiýanyň tutýan orny örän uludyr. Her bir döwletiň ýöredýän öz kesgitli ideologiýasy bolýar. Ideologiýa arkaly millet belli bir maksada birleşýär hem-de şol maksada ýetmek üçin döredijilikli zähmet çekýär. Syýasy durmuş köptaraplaýyndyr, jemgyýet adamlar bilen döwletiň arasynda birikdiriji zweno bolup çykyş edýär.

Syýasy ideologiýa syýasy durmuşuň jemgyýetçilik aňyny gurşap alýar we öz idealaryny oňa girizýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň döwleti 1991-nji ýylda Garaşsyzlygyny gazananyndan soň, ideologiýa döretmeklik zerurlygyny ýüze çykardy.

**9-njy tema.Syýasy konflikt we syýasy konsensus.**
2 sagat

Meýilnama:

1.Sosial-syýasy konflikt düşünjesi.

2.Syýasy proses we onuň elementleri.

3.Syýasatda sosial konsensus.

Edebiýat:


1.Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösűşiň täze belentliklerine tarap.-A. 2008ý.
2.Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy.-Aşgabat, 2007 ý.
3.Tűrkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow (Gysgaça terjimehal). – Aşgabat, 2007 ý.
4.Saparmyrat Tűrkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, 2001.ý
5.Saparmyrat Tűrkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap). – Aşgabat, 2004.ý
6.Политология. (Авторефераты). – М., 1998 г.
7.Основы политологии – М., 1992 г.
8.Истории политических и правовых учений – М., 1998 г.
9.Политическая социология.(Для студентов вузов) – Ростов н/Д., 1997 г.
10.Политология. Экзамениционные ответы – М., 2004 г.

*“Konflikt“* termini latynçadan terjime edilende *çaknyşmany, gapma - garşylygy, jedelli meseleleri* aňladýar. Jemgyýetde konflikt meselesi iň bir çylşyrymly meseleleriň biridir. Häzirkizaman Günbatar edebiýatynda bu düşünjäniň birnäçe kesgitlemeleri bar. Olardan amerikan sosiology *L.Kozeriň* beren we jemgyýetçilik alymlary boýunça köp sözlüklere we ensiklopediýalara girizen kesgitlemesi has giň ýaýrandyr. Kozer konflikt diýip, häkimiýet ugrunda göreş we belli bir status stasus esasynda gapma-garşylykly ýagdaýlaryň ýüze çykmak howpuna düşünipdir.

Syýasaty öwreniş ylmyndan belli bolşy ýaly, jemgyýetde ýüze çykýan islendik konfliktiň predmeti we obýekti bolýar. Ol ýurduň jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady, medeni durmuşyna aralaşan wagtynda äşgär ýüze çykýar. Syýasy konfliktiň ýüze çykmagynyň ilkinji sebäpleriniň biri-de jemgyýetde deňsizligiň höküm sürmegidir. Jemgyýetde hukuklaryň we borçlaryň ylalaşyksyzlygyndan hem konflikt döräp biler. Syýasy konfliktler jemgyýetiň gurlyşyna laýyklykda hem dürli derejelere bölünýärler. Mysal üçin, dolandyryşda sazlaşygyň bozulan ýerinde konfliktler barha artmak bilen bolýar.

Konfliktler problemasy ylymda az öwrenilen problemadyr. Sowet Soýuzy döwründe konfliktiň her bir ýüze çykmasy basylyp ýatyryldy. Ol diňe şahsyýetara gatnaşyklarda ýöl berlen bolaýmasa, başga sferalarda gadagan edildi.

Sosial konfliktiň manysy nämede? Konflikt sosial subýektleriň özara täsiriniň özboluşly gönüşi bolup, ol bähbitleriň gapma-garşylygy bilen hemde şol bähbitleriň ýüze çykmasynyň aňrybaş ýiti formasy bilen häsiýetlendirilýär. Ähli sosial konfliktleriň gözbaşy maddy önümçilik sferasyndan gaýdýar, ol ýerde işgäriň siňdiren zähmeti bilen ondan alynýan netijäniň arasynda laýyk gelmek berjaý edilmedik bolsa munuň özi konfliktiň çeşmesi bolýar. Jemgyýetçilik ösüşiniň belli bir etapynda sosial konfliktleriň esasy köplügi maddy nygmatlaryň önümçiligi we peýdalanylmagy boýunça emele gelýär.

Şonuň bilen birlikde konfliktleriň esasy hökmünde diňe maddy däl, eýsem sosial eşretler ugrundaky bäsdeşlik hem çykyş edip biler. *L.Kozer* özüniň "Sosial konfliktleriň funksiýalary" diýen işinde muňa üns berýär. Onuň pikirine görä, konflikt gymmatlyklar we belli bir statusa hukuk, güýç we resurslary ele almak ugrundaky göreşdir, şol göreşde bolsa bäsdeşleriň maksady garşydaşyny bitaraplaşdyrmakdan, oňa zelel ýetmekden we ony ýok etmekden ybaratdyr. Sosial konfliktler jemgyýetçilik ulgamynyň bitewiligini bozýar, hatda aýry-aýry sosial institutlaryň dargamagyna hem alyp barýar, ýöne welin tutuşlygyna alanyňda daşky sreda bolan gatnaşykda sosial düzümi has çeýe we galjaň edýär. Şeýlelikde sosial konfliktler jemgyýetde hem oňaýly hem oňaýsyz rol oýnaýarlar.

*Syýasy proses* kategoriýasy syýasatyň sosiologiýasyndaky merkezi kategoriýalaryň biridir. Ol syýasy hadysalaryň ontologiýasyny öňe çykarýar. Syýasy aň we syýasy özüňi alyp barşyň syýasy reallygyň iňňän çuňňur ýüze çykyş formasy bolup durýarlar. Bu reallygyň nähili ýola goýlandygyna baglylykda onuň ýüze çykyş formalarynyň özboluşlylygy düşündirilýär. Şeýlelikde bu kategoriýa syýasy hadysalary döredýän çeşmeleri, sebäpleri we gurluşy açyp berýän uly düşündirijilik güýjüne eýedir.

Umumy görnüşde syýasy proses belli bir wagt aralygynda bir syýasy wakadan beýlekisine geçişi öz içine alýar. Syýasy hadysany ýa-da wakanyň dowamlylygynyň möçberi syýasy prosesiň mundan aňyrky barşyna edýän täsiri bilen kesgitlenilýär. *Düzümleýin-funksional çemeleşişiň* (T.Parsons, R.Merton) çäklerinde syýasy proses hem tutuş syýasy ulgamyň hem-de onuň elementleriniň umumylykda dowam etmeginiň netijesi hökmünde düşünilýär. Funksional prosesler syýasy sistemany bir ýagdaýdan başga ýagdaýa geçirýär.

*Konfliktleýin çemeleşişiň çäklerinde* (R.Darendorf, L.Kozer) syýasy prosesler jemgyýetdäki maddy resurslar we sosial statuslar dogrusynda göreş we bäsdeşlik hökmünde çykyş edýärler.

Syýasy prosesiň dürli modelleriniň seljerilmegi onuň tebigatynyň köpdürlüligini we köp basgançaklydygyny görkezýär. Şol modelleriň hiç biri-de beýlekisiniň ornuny eýeläp bilmeýär. Olaryň hersiniň öz gymmatlygy, öz beýan ediş we seljeriş logikasy bardyr. Sosial sreda syýasy durmuşyň özenidir. Sebäbi, syýasy durmuşdaky bolup geçýän ähli wakalar sosial sredanyň çäklerinde bolup geçýär.

Syýasy krizisiň bölekleýin ýagdaýy hökümet krizisi hasaplanýar. Bu haçanda hökümet düzüminiň öňde goýlan meseleleri çözüp bilmedik ýa-da häkimiýetiň birnäçe agzasyny kompromitirläp bilmedik ýagdaýynda parlamentiň häkimiýete bolan ynamy gaçýar. Jemgyýetdäki konfliktlere garşy hereket etmäge islendik synanyşygyň ýany bilen ony çalt tapmagyň usulyny hem alyp barmaly.

Nemes syýasaty öwreniji we sosiology *Robert Darendorf* (1929 ý.) sosial kadalary kadalaşdyrmagyň şertlerini işläp düzüpdir. Günbatar german uniwersitetiniň professory Darendorf sosial konfliktleri düzgünleşdirmekligiň konsepsiýalaryny hem öňňe sürýär. Ol konfliktleriň 15 sany görnüşini ýüze çykarypdyr.

Häzirki zaman dünýäsinde bolup geçýän sosial we syýasy prosesler ýene bir gezek konfliktleriň prinspial durnuksyzlygyny, jemgyýetçilik ösüşiniň konfliktsizliginiň teoretik konstraksiýasynyň ýasama häsiýetiniň bardygyny tassyklady. Sosial konfliktleri ýok etmek barada öz öňünde utopiki maksat goýan syýasat gutulgysyz umumy konfliktli ýagdaýa getirer.

**10-njy tema. Halkara syýasy gatnaşyklar.**
4 sagat

Meýilnama:

1.Halkara gatnaşyklarynyň düýp manysy.

2.Döwletiň daşary syýasaty.

3.Halkara konflikti, onuň manysy, dünýä syýasatyndaky orny we roly.

4. Türkmenistanyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary.

Edebiýat:

1.Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösűşiň täze belentliklerine tarap.-A. 2008ý.
2.Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy.-Aşgabat, 2007 ý.
3.Tűrkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow (Gysgaça terjimehal). – Aşgabat, 2007 ý.
4.Saparmyrat Tűrkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, 2001.ý
5.Saparmyrat Tűrkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap). – Aşgabat, 2004.ý
6.Политология. (Авторефераты). – М., 1998 г.
7.Основы политологии – М., 1992 г.
8.Истории политических и правовых учений – М., 1998 г.
9.Политическая социология.(Для студентов вузов) – Ростов н/Д., 1997 г.
10.Политология. Экзамениционные ответы – М., 2004 г.

**Halkara gatnaşyklaryň** düýp manysy. Halkara gatnaşyklary adamzat siwilizasiýasynyň ösüşiniň obýektiw islegidir. Özbaşdak döwletiň daşary syýasaty. Adamzat siwilizasiýasy halkara syýasy gatnaşyklaryň global sistemasy hökmünde. Halkara gatnaşyklar sistemasynyň elementleri, olaryň özara täsiri.

Gatnaşyklar sistemasynyň maksady we derejeleri. Halkara gatnaşyklar sistemasynyň strategiki maksady. Adamzady gorap saklamak we onuň ösüşi üçin amatly şertleri döretmek problemasy.

Ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklar we halkara hukuk normalary, olaryň özara baglanyşyklary. Halkara gatnaşyklaryň köpdürlüligi. Türkmenistanyň halkara gatnaşyklar ulgamyndaky orny.

Halkara konflikti, onuň manysy, dünýä syýasatyndaky orny we roly. Halkara konfliktiniň dürli hili düşündirilişi. Halkara konfliktleriniň ýüze çykmagynyň umumy sebäpleri. Konfliktleriň görnüşleri.

**Döwletiň daşary syýasaty. Döwletiň daşary** syýasatynyň ýörelgeleri. Diplomatik gatnaşyklar. Halkara gatnaşyklar. Halkara guramalar.

Jemgyýetde ýaşaýan her bir adamyň jemgyýetden üzňe ýaşap bilmeýşi ýaly, islendik döwlet hem başga döwletler bilen gatnaşyklar saklamaga mejburdyr. Döwletiň özara gatnaşyklary dürli ugurlar boýunça we dürli görnüşlerde alnyp barylýar. Her bir döwletiň başga döwletler bilen özara gatnaşygy **ähliumumy** halkara, degişli **ikitaraplaýyn ýa-da köptaraplaýyn** baglaşylan şertnamalar we ylalaşyklar esasynda ýöredilýär. Döwletiň daşary ýurtlar bilen gatnaşygy belli bir ýörelgelere eýerýär we bu ýörelgeler onuň daşary syýasatynyň esaslaryny düzýär.

Daşary syýasat diýmeklik döwletiň halkara gatnaşyklar babatynda alyp barýan ähli hereketlerini,ýagny bu gatnaşyklara degişli ähli taraplar bilen alyp barýan işlerini kadalaşdyrmak diýmekdir. Ol taraplara 1) döwletler, 2) bütindünýä halkara guramalary, 3) sebitara halkara guramalary, 4) daşary ýurtlaryň syýasy partiýalary we jemgyýetçilik guramalary degişlidir.

Häzirki zaman dünýäsiniň döwletleriniň köpüsi öz daşary syýasatyny **deňhukuklylyk, birek-birege peýdalylyk, başga döwletleriň içerki işine gatnaşmazlyk** ýaly baş ýörelgeler esasynda alyp barýarlar.

Döwletleriň daşary syýasatynyň esasy ugurlary barada we onuň haýsy ýurtlar bilen hyzmatdaşlygynyň haýsy görnüşlerini ulanmalydygy baradaky meseleler ýurduň çäginiň geografiki ýerleşişi bilen baglylykda çözülýär. Bu ýagdaýda syýasaty öwreniş ylmynda ýurduň geopolitik (geosyýasy) ýagdaýy diýilýär. Döwletleriň daşary syýasaty ýörite döredilen edaralar tarapyndan alnyp barylýar. Köp döwletlerde daşary syýasat işini, esasan, döwletiň daşary işler ministrligi amala aşyrýar. Daşary syýasatynyň ugurlarynyň

kesgitlenilmeginde ýurduň **parlamentiniň daşary gatnaşyklar baradaky** komitetine hem aýratyn orun degişlidir.

Daşary ýurtlar we halkara guramalary bilen döwletiň adyndan resmi alnyp barylýan gatnaşyklara **diplomatik gatnaşyklar** diýilýär. Döwletiň daşary syýasaty ol döwletiň hyzmatdaşlyk edýän döwletlerinde we halkara guramalarynda hereket edýän **ilçihanalar, wekilhanalar we konsul gulluklary** tarapyndan amala aşyrylýar. Daşary ýurtdaky ilçihanalarda, wekilhanalarda we konsul gulluklarynda işleýän işgärler öz eýeleýän wezipeleri üçin, ilçilere adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçi, aýratyn tabşyryklar boýunça ilçi, wagtlaýynça işler ynanylan adam ýaly derejeler berilýär.

Döwletleriň arasyndaky gatnaşyklar we hyzmatdaşlyklaryň birnäçe görnüşleri bar. Olaryň hataryna syýasy diplomatik gatnaşyklar ykdysady hyzmatdaşlyklar, söwda gatnaşyklary, dürli gumanitar- medeni (jemgyýetçilik durmuşynyň ylym, bilim, saglygy goraýyş, ekologiýa, sport, edebiýat, sungat, neşir işleri, medeni miras, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we ş.m. ugurlarynyň meseleleri bilen baglanyşykly) gatnaşyklar girýär.

Döwletiň özara gatnaşyklaryna **döwletara** gatnaşyklar diýlip, olar ýaýrawyna görä **ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn** gatnaşyklar ýaly görnüşlere bölünýär. Dünýäniň ähli döwletleriniň bilelikdäki ýa-da birnäçe döwletleriň bileleşip alyp barýan gatnaşyklaryna degişlilikde **halkara we sebitara** gatnaşyklary diýilýär. Eger-de döwletara gatnaşyklar degişli döwletleriň öz aralaryndaky şertnamalaryň we ylalaşyklaryň esasynda alnyp barylýan bolsa, halkara we sebitara gatnaşyklar has giň gerimli bolup, ähliumumy kabul edilen (bütin dünýä we sebitleýin görnüşlerde) resminamalar (konwensiýalar, protokollar, şertnamalar, ylalaşykjlar we ş.m. esasynda) amala aşyrylýar. **Halkara gatnaşyklar** düşünjesi giň manyda döwletleriň hemme görnüşdäki daşary gatnaşyklaryny (döwletara sebitara gatnaşyklaryny) hem öz içine alýar.

Halkara gatnaşyklarynyň ähliumumy kabul edilen resminamalar esasynda ýöredilmegine degişli **halkara guramalar** gözegçilik edýär. Häzirki döwürde halkara guramalarynyň onlarçasy hereket edýär. Häzirki zaman halkara guramalarynyň içinde esasy orun Birleşen Milletler Guramasyna (BMG) degişlidir. BMG döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmek, dünýäde parahatçylygy gorap saklamak, ähliumumy howpsuzlygy üpjün etmek maksatlary bilen döredilen halkara guramasydyr. BMG-niň Tertipnamasyna (ustawyna) 1945-nji ýylyň iýun aýynyň 26-na San-Fransiskoda gol çekilip, 1945-nji ýylyň oktýabr aýynyň 24-den güýje girizildi. 2006-njy ýylyň iýun aýynyň maglumatlaryna görä BMG-niň düzümine häzir dünýäniň 192 döwleti agza hökmünde (şol sanda Türkmenistan hem) girýär. BMG-niň baş edaralaryna: 1) BMG-niň Baş Ansambleýasy, 2) Howpsuzlyk Geňeşi. 3) Ykdysady we Sosial işler boýunça geňeş, 4) Goldaw beriş geňeşi, 5) Halkara kazyýet, 6) Sekretariat girýär. BMG-niň resmi dilleri hökmünde iňlis, ispan, hytaý, rus we fransuz dilleri ulanylýar. Baş Ansambleýanyň we howpsuzlyk geňeşiniň işlerinde bu dillerden başga arap dili hem ulanylýar. BMG-niň ştabkwartirasy (merkezi edaralarynyň ýerleşýän iş ýeri) ABŞ-nyň NÝU-ÝORK şäheridir.

BMG-niň dürli ugurlar boýunça işler alyp barýan halkara guramalary bar. Mysal üçin, BMG-niň **UNISEF** atly guramasy-çagalaryň we ýaşlaryň saglygynyň goralyşy, olara bilim berlişi, olaryň hukuklarynyň goralyşy ýaly meseleler babatda işler alyp barýar (bu guramanyň wekilhanasy Türkmenistanda hem işleýär). BMG-niň **ÝUNESKO** atly guramasy bolsa dünýäniň döwletlerinde bilim we ylym işleriniň ýöredilişine, medeni miraslaryň goralyşyna degişli meseleleriň çözülişine kadalaşdyrylmagy bilen meşgullanýar.

Häzirki zaman dünýäsiniň abraýly halkara guramalarynyň hataryna Ýewropada howpsuzlygy we hyzmatdaşlygy üpjün etmek baradaky hemişelik hereket edýän Maslahat **(ÝEHHM),** Halkara Olimpiýa komiteti **(HOK).** Halkara Walýuta Gaznasy **(HWG),** Bütindünýä Banky ýaly guramalar girýär.

**Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgeleri. Türkmenistanyň Bitaraplygynyň taryhy ähmiýeti. Türkmenistanyň halkara gatnaşyklaryndaky orny**. Türkmenistanyň öz garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap, özboluşly daşary syýasatyny ýöretmäge girişdi. Ol ähliumumy ykrar edilen halkara ýörelgelerinden ugur alyp, dünýäniň ýurtlary bilen hoşniýetli gatnaşyklar açmaklyga ýykgyn edýänligini äşgär edip, „açyk gapylar“ syýasatyny ýöredip başlady. Biraz soňra Türkmenistan özüniň hoşniýetli bitaraplyk ýörelgesine eýermek isleýänligini yglan edip, öz daşary syýasatyny hut şu esaslarda amala aşyrmaga girişdi. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy BMG-niň Baş Ansambleýasynyň 1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 12-ne dünýäniň şol wagt agzasy bolup durýan 185 sany döwletiň ählisiniň biragyzdan ses bermegi netijesinde kabul edilen çözgüdi esasynda resmi taýdan ykrar edildi. Ýeri gelende aýtsak, Türkmenistan BMG tarapyndan dünýäde ilkinji ykrar edilen bitarap döwletdir. 1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 27-de Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan „Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň daşary syýasatynyň Baş ýörelgeleri“ atly resminama kabul edildi. Bu resminama laýyklykda Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy wezipeleri şulardan ybaratdyr:

- **Türkmenistanyň döwlet öz ygtyýarlygyny gorap saklamak we pugtalandyrmak, halkara gatnaşyklarynyň ulgamynda onuň täsiriniň we ähmiýetiniň artmagy;**

- döwletiň içerki ösüşi üçin mümkingadar amatly daşary syýasy şertleri döretmek;

- Türkmenistanyň milli bähbitlerini diplomatik gatnaşyklaryň halkara tejribesinde toplanylan ähli görnüşlerinde goramak we durmuşa geçirmek.

- Türkmenistanyň howpsuzlygyny syýasy diplomatik serişdeler bilen üpjün etmek;

- ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bähbitli birek-birege peýdaly hyzmatdaşlygy deňhukuklylyk we birek-birege sarpa goýmaklyk esasynda ösdürmek;

- Türkmenistanyň daşary syýasat babatdaky hereketleriniň halkara hukugyna we BMG-niň tertipnamasyna doly laýyk gelmegini üpjün etmek.

Bitarap Türkmenistan halkara hukugynyň deň hukukly subýekti bolmak bilen halkara gatnaşyklaryny giňişleýin ýola goýmaklyga girişdi. Bu prosesse döwletiň bitaraplyk statusy aýratyn depgin berdi. **Taryhy nukdaýnazardan** garanyňda, örän az möhletde Türkmenistan halkara gatnaşyklar ulgamynda öz mynasyp ornuny eýelemekligiň hötdesinden geldi.

Häzirki döwürde Türkmenistan dünýäniň 120-den gowrak döwletleri bilen diplomatik gatnaşyklar saklaýar. Ol 40-dan gowrak halkara guramalarynyň agzasydyr. Türkmenistanyň diplimatik ilçihanalary we konsulluk gulluklary dünýäniň 30-a golaý döwletinde hereket edýär. Türkmenistanyň daşary ýurtlaryň we halkara guramalarynyň 30-dan gowragynyň wekilhanalary akkreditasiýa edildi. Halkara guramalarynyň birnäçesinde Türkmenistanyň wekilleri işleýär.

Türkmenistanyň ikitaraplaýyn gatnaşyklar ýörelgesini iş ýüzünde giňişleýin ulanylýar. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Russiýa federasiýasy, ABŞ, Gazagystan, Eýran, Özbegistan, Turkiýa, Hytaý, Hindistan, Päkistan, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Ukraina, Belarus, Birleşen Arap Emirlikleri ýaly döwletler bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň mizemez binýady döredildi. Umuman alnanda, ikitaraplaýyn esasda şertnamalaryň we ylalaşyklaryň 1600-den gowragy baglaşyldy. Türkmenistan öz ikitaraplaýyn gatnaşyklaryny taraplaryň ikisi üçin hem deň derejede bähbitli bolmagy ugrunda çalyşýar, ylalaşyklaryň we şertnamalaryň özara bähbitleri göz öňünde tutmaklyk esasynda baglaşykmagyny gollaýar. Bu ýörelge ykdysady gatnaşyklar babatynda Türkmenistanyň esasy ýörelgesidir.

Türkmenistanyň özboluşly daşary syýasaty, onuň hemişelik Bitaraplygy dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan häzir doly goldanylýar. Türkmenistan Merkezi Aziýanyň sibitinde howpsuzlygy üpjün etmekligiň we geopolitik deňagramlylygynyň saklanmagynyň esasy girewiniň biri hökmünde ykrar edildi. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň diňe onuň özi üçin bähbitli bolman, eýsem bütin sebit üçin şeýle bähbidiniň barlygy Türkmenistanyň halkara abraýynyň barha ýokarlanýanlygynyň esasy sebäpleriniň biridir.